**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:**
**– GARAŞSYZ, BAKY BITARAP WATANYMYZDA UGLEWODOROD SERIŞDELERINIŇ BAR BOLAN ÄGIRT ULY GORLARYNY ÖZLEŞDIRMEK HEM-DE HALKYMYZYŇ WE DÜNÝÄ HALKLARYNYŇ BÄHBIDINE ULANMAK ÜÇIN ZERUR ŞERTLER DÖREDILÝÄR.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
7-nji ýanwar, 2022. Belgisi 1/1463




Gurbanguly
BERDIMUHAMEDOW

## JAN WATANYM TÜRKMENISTAN!

*Beýik döwlet, eziz ülke, dogduk depe, asly mekan,*
*Ählijesi seniň özüň, jan Watanym Türkmenistan!*
*Keremlidir ene toprak, keramatdyr mawy asman,*
*Edermendir ogul-gyzyň, jan Watanym Türkmenistan!*

*Öňe, öňe, diňe öňe! — biziň beýik şygarymyz,*
*Parahatçylyk ýolunda rüstemdir gül Diýarymyz,*
*Ynanyşmak şuglasydyr ol biziň ýürek nurumyz,*
*Sowulmazdyr bahar-ýazyň, jan Watanym Türkmenistan!*

*Şadyýanja çagajyklar bilbil bolup saýraýandyr,*
*Bagtyýarlyk hakykaty älem-jahana aýandyr,*
*Tenekar hem melhem bolup, howa siňip ýaýraýandyr*
*Ýer ýüzüne hoş owazyň, jan Watanym Türkmenistan!*

*Dost-doganlyk mukamydyr sungatlaryň gönezligi,*
*Onuň juda inçeligi, gözlere görünmezligi,*
*Döwürleriň, eýýamlaryň ol mukaddes gözelligi,*
*Ebedidir aýdym-sazyň, jan Watanym Türkmenistan!*

# TÜRKMENISTAN DÜNÝÄNIŇ IRI ENERGETIKA DÖWLETIDIR

**3-5-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Mary we Lebap welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, «Galkynyş» we «Malaý» gaz käninde alnyp barylýan işler bilen tanyşdy.**

5-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Lebap welaýatyna guralan saparyň jemlerine bagyşlanan iş maslahatyny geçirdi.

Iş maslahatynda ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň düzümleriniň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek, pudaga häzirki zaman ylmynyň gazananlaryny ornaşdyrmak, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

«Türkmengaz» döwlet konserniniň Tebigy gaz ylmy-barlag institutynyň direktory B.Pirnyýazow häzirki döwürde döwlet Baştutanymyzyň tabşyryklaryna laýyklykda, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde, şol sanda Lebap welaýatynyň çäklerindäki känleriň önüm berijiligini, geljegi uly hasaplanylýan guýularyň işini ylmy esasda öwrenmek, alnan barlag işleriniň netijelerini seljermek boýunça işleriň tassyklanylan meýilnama esasynda dowam edýändigi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň nebitgaz senagatynyň okgunly ösdürilmegine ugurdaş ylmy institutlaryň ýerine ýetirýän ylmy-barlag işlerine, olaryň öňe sürýän ylmy başlangyçlaryna möhüm ornuň degişlidigini belläp, bu işleriň talabalaýyk derejede ösdürilmelidigine ünsi çekdi. Şunlukda, innowasion tehnologiýalar işjeň ulanylyp, düzümi has-da ösdürmek üçin zerur bolan ylmy çözgütleriň kabul edilmelidigini aýtdy we bu babatda birnäçe görkezmeleri berdi.

Soňra «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň ýolbaşçysy M.Rozyýew Lebap welaýatynyň çäklerinde geçirilen geofiziki barlaglaryň netijeleri hem-de döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzyň dürli künjeklerinde barlag-gözleg buraw işlerini geçirmek boýunça ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Hususan-da, milli Liderimiziň ýerasty baýlyklary gözlemek we ýüze çykarmak babatda döredip berýän şertleri esasynda korporasiýa tarapyndan «Malaý» gaz käninde hem-de «Demirgazyk Derwüş» meýdançasynda gazy gözlemek boýunça alnyp barylýan geologik-gözleg işleri barada habar berildi.

Döwlet Baştutanymyzyň 2D we 3D seýsmiki gözlegler esasynda täze ýataklary ýüze çykarmak barada ozal beren tabşyryklary boýunça Lebap welaýatynda ýerleşýän «Malaý» we «Naýyp» gaz känlerine ýanaşyk ýerlerde geofiziki işler geçirildi. Netijede, «Demirgazyk Derwüş» we «Malaý» käniniň aşaky gatlaklarynda täze gümmez ýüze çykaryldy.

«Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan «Malaý» gaz käninde çuňlugy 4000 metr we «Demirgazyk Derwüş» meýdançasynda çuňlugy 3200 metr bolan gözleg we barlag guýularyny gazmagyň meýilleşdirilýändigi barada habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde, şol sanda Lebap welaýatynda barlag-gözleg buraw işlerini geçirmek üçin hemme şertleriň döredilendigini belläp, öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de maksatnamalaýyn esasda dowam etmegi tabşyrdy. Bu işler ýurdumyzyň ykdysady ösüşinde esasy orunlaryň birini eýeleýän nebitgaz pudagynyň önümçilik görkezijileriniň durnukly artdyrylmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir diýip, milli Liderimiz aýtdy hem-de birnäçe degişli görkezmeleri berdi.

Soňra «Türkmengaz» döwlet konserniniň ýolbaşçysy B.Amanow hasabat berdi. Konserniň Lebap welaýatyndaky Suwuklandyrylan gazy öndürmek boýunça Lebap önümçilik müdirliginiň Bagajanyň kükürtli gazy arassalaýan we suwuklandyrylan gazy öndürýän desgasyny doly kuwwatlygynda işletmek üçin zerur bolan işleri ýerine ýetirmek meýilleşdirilýär. Göz öňünde tutulan işleriň geçirilmegi netijesinde, gaz kondensatynyň, suwuklandyrylan gazyň möçberiniň artdyrylmagy, şeýle hem tebigy gazyň bir gije-gündizde 2 million kub metr goşmaça möçberini çykarmak maksat edinilýär.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň öňünde nebitgaz senagatyny döwrüň talabyna laýyk derejede ösdürmek we sebitiň energetika howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça möhüm wezipeleriň durýandygyna ünsi çekdi. Milli Liderimiz türkmen tebigy gazynyň çykarylýan möçberlerini artdyrmak hem-de onuň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly meseleleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini belledi hem-de bu babatda konserniň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow hormatly Prezidentimiziň ozal beren tabşyryklaryna laýyklykda, ýakyn geljek ýyllarda Mary we Lebap welaýatlarynda tebigy gazyň goşmaça möçberlerini çykarmak barada «Türkmengaz» döwlet konserni, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy, «Türkmengaz» döwlet konserniniň Tebigy gaz ylmy-barlag instituty tarapyndan degişli işleriň geçirilendigi we geljekde hem bu ugurda zerur işleriň geçiriljekdigi barada hasabat berdi.

Mundan başga-da, Bagajanyň kükürtli gazy arassalaýan we suwuklandyrylan gazy öndürýän desgasyny doly kuwwatynda işletmek arkaly gaz kondensatynyň, suwuklandyrylan gazyň önümçiligini artdyrmak hem-de tebigy gazyň goşmaça möçberini çykarmak meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, nebitgaz pudagyny ösdürmegiň, şol sanda gazylyp alynýan tebigy çig mal önümleriniň möçberini hem-de nebiti we gazy gaýtadan işlemek arkaly öndürilýän önümleriň görnüşlerinidir mukdaryny artdyrmagyň hasabyna ösdürmegiň möhüm wezipeleriň biridigini nygtady hem-de bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Iş maslahatynyň dowamynda ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň pudaklaýyn düzümleriniň ýolbaşçylary degişli ugurlarda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek ugrunda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp hem-de iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzda uglewodorod serişdeleriniň bar bolan ägirt uly gorlaryny özleşdirmek hem-de halkymyzyň we dünýä halklarynyň bähbidine ulanmak üçin zerur şertleriň döredilýändigini belledi, hususan-da, daşary ýurt maýadarlary üçin hyzmatdaşlyga kanunçylyk, maliýe-ykdysady taýdan amatly şertler üpjün edilýär. Bu bolsa ýurdumyzyň dünýäde iri energetika döwleti hökmünde ykrar edilmegine ýardam berýär diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, taryh üçin uzak bolmadyk döwrüň içinde türkmen tebigy gazyny dünýä bazarlaryna diwersifikasiýa ýoly bilen çykarmak boýunça ägirt uly işler amala aşyryldy. Häzirki döwürde hem bu hyzmatdaşlyk oýlanyşykly, işjeň we maksada okgunly alnyp barylýar. Bu ugurda dünýäniň birnäçe döwletleri we iri kompaniýalary bilen netijeli işler ýola goýulýar. ■ 2

## Arkadagymyzyň sahawatly döwri

Ata Watanymyzda bolup geçýän beýik özgerişler biziň her birimizi çyn ýürekden buýsandyrýar. Her Täze ýyl baýramynyň öňüsyrasynda Türkmenistanda geçilen şöhratly ýollara ser salmak, taryhy wakalara şaýat bolmak bizde ýakymly duýgulary oýarýar.

Täze ýyl, adatça, ak arzuwlaryň, päk niýetleriň gursaklarda joşýan döwrüdir. Ata Watanymyz Türkmenistan bolsa arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdudyr. Munuň şeýledigine geçen ýylyň mysalynda hem aýdyň göz ýetirmek bolýar. Soňky ýyllarda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen her bir ýyl üçin şygar saýlanyp alynýar. Şol şygar hem Gahryman Arkadagymyz bilen türkmen halkynyň täze sepgitlere ýetmegine öz saldamly goşandyny goşýar. ■ 3

## Durmuş ulgamy pugtalandyrylýar



Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli ykdysadyýetimiziň bäsdeşlik ukybyny has-da pugtalandyrmak, «Döwlet adam üçindir!» diýen döwlet syýasatyna esaslanyp, halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş şertleriniň derejesini ýokarlandyrmak, köp çagaly maşgalalara goldaw bermek boýunça birnäçe işler alnyp barylýar.

Ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet syýasaty netijesinde halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmak, durmuş goraglylygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak maksady bilen maksatnamalaýyn işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. ■ 3

## Alabaýlaryň sarpasy belentde



Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe halkymyzyň tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak baradaky gadymy ýol-ýörelgeleri täze many-mazmun bilen kämilleşdirilip, olara aýratyn ähmiýet berilýär. Bu günki gün milli buýsanjymyz hasaplanylýan türkmen alabaý itlerini ösdürip ýetişdirmegiň dünýä nusgalyk ýörelgeleriniň döwrebap derejede dowam etdirilmegi hem muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Häzirki wagtda türkmen alabaýy dünýäde meşhur tohumlaryň biridir. Ýurdumyzyň seçgiçileriniň alyp barýan işleriniň hem-de alabaýyň arassa ganlylygyny saklamagyň netijesinde, biziň günlerimize çenli özüniň asyl keşbini saklap geldi. ■ 3


Dünýäniň meşhur **ADALARY**
Ýer ýüzünde tebigy aýratynlygy bilen haýran galdyrýan adalaryň müňlerçesi bar. Olaryň köpüsi iri şähere ýakyndygy, ýaşamak üçin amatlydygy sebäpli oturymlylaşypdyr. 5

2022: garaşylýan **FILMLER**
2022-nji ýylda-da edil ozalky ýyllarda bolşy ýaly, ýüzlerçe filmdir animasiýalar kinoteatrlarda we beýleki platformalarda görkeziler. Şolaryň biri-de «Awatar» filmidir. 6

Ýylyň sport **SENENAMASY**
2022-nji ýyl hem dürli sport bäsleşiklerine baý bolup, olaryň iň esasy ikisi gyşky Olimpiýa oýunlary bilen futbol boýunça XXII Dünýä Kubogy ýaryşlarydyr. 7

# TÜRKMENISTAN DÜNÝÄNIŇ IRI ENERGETIKA DÖWLETIDIR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Döwlet Baştutanymyz sözüni dowam edip, şol hyzmatdaşlaryň arasynda Hytaý Halk Respublikasynyň aýratyn möhüm ornunyň bardygyny belledi. Türkmenistan bilen Hytaýyň Milli nebitgaz korporasiýasynyň arasynda tebigy gaz ulgamynda ýola goýlan hyzmatdaşlyk özüniň netijeli we özara bähbitli häsiýeti bilen tapawutlanýar. Geçen ýyllaryň dowamynda biziň bilelikde amala aşyran taslamalarymyz häzirki wagtda halklarymyzyň bähbidine hyzmat edýär diýip, milli Liderimiz nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy jenap Si Szinpine ikitaraplaýyn gatnaşyklary berkitmäge, hususan-da, ýurtlarymyzyň arasynda energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşýan uly şahsy goşandy üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz Hytaýyň Milli nebitgaz korporasiýasynyň ýolbaşçylaryna we ýurdumyzda iş alyp barýan ähli wekillerine hem işjeň gatnaşyklary üçin minnetdarlyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz strategik häsiýetli türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň geljekde hem uzak möhletleýin esasda dürli ugurlar boýunça ösdüriljekdigini nygtady. Biziň maksadymyz ýurdumyzyň gymmatly baýlygy bolan uglewodorod serişdelerini Ýer ýüzünde parahatçylygy pugtalandyrmagyň, halklaryň abadan durmuşda ýaşamagynyň we gülläp ösmeginiň bähbidine ulanmakdyr diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz öňde goýlan şu belent maksatlara ýetmek üçin sanlyja ýylda dünýä ähmiýetli möhüm taslamalaryň birnäçesiniň durmuşa geçirilendigine ýene-de bir gezek ünsi çekdi. Şol iri taslamalaryň biri hem «Malaý» gaz gysyjy desgasydyr. Türkmen tebigy gazyny uzynlygy 188 kilometr bolan Malaý-Bagtyýarlyk turba geçirijisi arkaly «Asyryň iri taslamasy» diýlip atlandyrylan Türkmenistan-Hytaý transmilli gaz geçirijisine bermekde möhüm ähmiýetli bu desga laýyk bir ýyl mundan ozal açylyp ulanmaga berildi.

Lebap welaýatyndaky «Malaý» ýatagyndan tebigy gaz 1986-njy ýyldan bäri alynýar. Başlangyç gory 358 milliard 700 million kub metr bolan bu känden häzirki döwre çenli 247 milliard kub metrden hem köp tebigy gaz çykaryldy. Häzirki wagtda bu ýerden gaz çykarmagy dowam etmek, onuň çägini giňeltmek, şeýle hem özleşdirilýän gatlakdan aşaky gatlaklaryň gaz gorlaryny anyklamak we ýüze çykarmak möhüm wezipeleriň biridir.

Hormatly Prezidentimiz sözüni dowam edip, diňe «Malaý» ýatagyny däl-de, beýleki gaz ýataklaryny hem düýpli özleşdirmek işlerini çaltlandyrmalydygyny, bu ugurda ähli zerur şertleriň mundan beýläk-de dörediljekdigini belledi.

Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiz «Türkmengaz» döwlet konserniniň şu şertlerden netijeli peýdalanyp, ýurdumyzda ýakyn ýyllarda tebigy gazyň goşmaça möçberlerini çykarmak baradaky meýilnamalary durmuşa geçirmegi üçin ähli mümkinçilikleriň üpjün ediljekdigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz diwersifikasiýa ýoly bilen uglewodorod serişdelerini özleşdirmekde Hytaýyň Milli nebitgaz korporasiýasynyň Türkmenistandaky wekilleriniň hem uly goşandynyň bardygyny nygtady. Hormatly Prezidentimiz bu barada aýdyp, korporasiýanyň Türkmenistandaky şahamçasynyň baş direktory Çen Huaýluna söz berdi.

Çen Huaýlun hormatly Prezidentimizi Täze ýyl bilen mähirli gutlap, päk arzuwlaryny aýtmak bilen, 2003-nji ýyldan bäri Türkmenistanda işleýändigine hem-de türkmen-hytaý nebitgaz hyzmatdaşlygynyň täze eýýamynyň başlanmagynyň şaýady bolandygyna ünsi çekdi.

Myhmanyň çykyşynyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidentiniň we Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygynyň gatnaşmagynda 2007-nji ýylyň 17-nji iýulynda «Türkmengaz» döwlet konserni bilen CNPC korporasiýasynyň arasynda «Bagtyýarlyk» şertnamalaýyn çägi boýunça Önümi paýlaşmak hakyndaky Ylalaşyga gol çekilendigi, häzirki wagtda «Bagtyýarlyk» şertnamalaýyn çäginde 29 sany gaz käniniň senagat taýdan özleşdirilýändigi, jemi 137 sany guýudan tebigy gazyň alynýandygy, 2021-nji ýylda bolsa Türkmenistandan Hytaýa 34 milliard kub metre ýakyn tebigy gazyň iberilendigi bellenildi.

Hasabatda nygtalyşy ýaly, 2021-nji ýylyň ýanwar aýynda «Malaý» gaz gysyjy bekediniň ulanylmaga tabşyrylmagy gyşky ýyladyş möwsüminde tebigy gazyň Hytaýa bökdençsiz iberilmegini üpjün etdi. 2009-njy ýylda Türkmenistan-Hytaý halkara gaz geçirijisiniň ulanylmaga tabşyrylanyndan bäri, jemi 320 milliard kub metrden hem gowrak türkmen gazy Hytaýa iberildi. Hyzmatdaşlygyň netijeleri bütin dünýäniň ünsüni özüne çekdi we halkara jemgyýetçiligiň hormatyna mynasyp boldy.

Şeýle hem geçen ýylyň awgustynda «Galkynyş» gaz ýatagynda 3 sany guýyny burawlamak taslamasynyň durmuşa geçirilip başlanandygyna üns çekilip, CNPC-niň bu guýularyň gurluşyk işlerini 2022-nji ýylda tamamlamak üçin ähli tagallalary etjekdigi ynandyryldy.

Hasabatyň çäklerinde ýokary derejede gazanylan möhüm ylalaşyklary durmuşa geçirmek maksady bilen, CNPC-niň we «Türkmengaz» döwlet konserniniň ähli zerur çäreleri amala aşyrýandygy, taraplaryň bu ugurda birnäçe netijeli gepleşikleri geçirendigi, ýakyn wagtda gepleşikleriň täze tapgyryna başlanyp, hyzmatdaşlygy giňeltmek hem-de tebigy gazyň söwdasyny ýokarlandyrmak baradaky baş maksada ýetmek ugrunda zerur çäreleriň görüljekdigi bellenildi.

Myhmanyň çykyşynda 2022-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlanyna 30 ýyl, 17-nji iýulda bolsa «Bagtyýarlyk» şertnamalaýyn çägine degişli Önümi paýlaşmak hakyndaky Ylalaşyga gol çekilmegine 15 ýyl dolýandygyna üns çekildi. Şunuň bilen baglylykda, ol CNPC korporasiýasynyň ozal baglaşylan ylalaşyklary durmuşa geçirmegi mundan beýläk hem dowam etjekdigine, şol bir wagtyň özünde, Türkmenistan bilen nebitgaz ulgamynda alnyp barylýan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagy maksat edinýändigine ynandyrdy.

Myhman sözüniň ahyrynda bütin dünýäniň häzirki wagtda pes uglerodly bölünip çykmalaryň gazanylmagyny üpjün etmäge tarap geçýändigini we tebigy gazyň esasy energiýa sarp edilişindäki paýynyň epesli ýokarlanmagyna garaşylýandygyny belledi we şeýlelikde, Türkmenistanyň halkara energiýa ulgamynda has möhüm orny eýeleýändigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz myhmanyň çykyşyny diňläp, Hytaýyň Milli nebitgaz korporasiýasynyň wekiline Türkmenistanda alyp barýan işlerinde mundan beýläk-de üstünlikleri arzuw etdi.

Milli Liderimiz iş maslahatynyň ahyrynda oňa gatnaşyjylaryň ählisine berk jan saglygyny, uzak ömür, maşgala bagtyýarlygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmeginiň hatyrasyna alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ELEKTRON SERGIDE TANYŞDYRYLAN ÖNÜMLER

5-nji ýanwarda ABŞ-nyň Los-Anjeles şäherinde öz işine başlan «CES 2022» sergisinde elektron enjamlarynyň ýüzlerçe görnüşi tanyşdyryldy. Bu ýerde mobil enjamlar, öý-hojalyk tehnologiýalary, awtoulaglar, oba hojalyk tehnikalary, awiasiýa we kosmos pudagyna degişli tehnologiýalar köpçülige görkezildi. Geçen ýyl pandemiýa sebäpli ýatyrylan sergi bu ýyl onlaýn hem-de adaty görnüşde geçirilýär. Şu gün öz işini tamamlaýan sergide görkezilen käbir täzelikleri dykgatyňyza ýetirýäris.

Köp ýyllardan bäri öňdebaryjy tehnologiýa önümleri satuwa çykarmagy bilen belli bolan «Sony» kompaniýasy QD-OLED atly ekrany bolan telewizory görkezdi. Bu ekran tehnologiýasy ýagtylygy artdyrýar. Telewizorda ulanylan tehnologiýa mawy ýagtylygyň bir bölegini gyzyl hem-de ýaşyl reňke öwürýär. Bu bolsa, ekranyň ýagtylygyny 200 göterime çenli artdyrýar. Telewizoryň bahasy mälim edilmedi.

Şeýle hem kompaniýa «PlayStation»-iň hyýaly hakykat äýnegini çykarandygyny mälim etdi.

***Çip we mikroprosessora gyzyklanma artdy***

Dünýäniň öňdebaryjy ýarymgeçiriji öndürijileri hem täze tehnologiýalary barada maglumat berdiler. Geçen ýyl dünýäde emele gelen çip ýetmezçiligi bu önümlere gyzyklanmany artdyrdy.



AMD kompaniýasy «Ryzen 6000» maşgalasyna degişli mikroprosessoryny tanyşdyrdy. Ýan kompýuterler üçin işlenip taýýarlanan 6 nanometrlik bu önüm ýokary tizligi üpjün eder.

Şeýle hem «Nvidia» kompaniýasy «3070 Ti» we «3080 Ti» atly grafik mikroprosessorlaryny tanyşdyrdy.

Koreýa Respublikasynyň «Samsung» kompaniýasy «S21» seriýasyna elýeterli görnüşi bolan «S21FE» telefonyny görkezdi. Şeýle hem kompaniýa dünýäniň ilkinji 4K durulygyndaky oýun ekranyny hem öndüripdir.

ABŞ-nyň «John Deere» kompaniýasy dünýäniň ilkinji sürüjisiz traktoryny tanyşdyrdy. Soňky ýyllarda ekerançylykda awtomatlaşdyrmak we robotlaşdyrmak tehnologiýasyna has köp üns berilýär. Dünýä belli kompaniýanyň öndüren traktory GPS, kamera we emeli aň tehnologiýasy bilen üpjün edilipdir.

Dürli öý hojalyk tehnikalaryny öndürýän LG kompaniýasy golaýda telefon önümçiligini bes edipdi. Başga-da birnäçe enjam öndürýän koreý brendi «G2 OLED» atly telewizoryny görkezdi. G2 seriýasyna degişli telewizorlaryň ululygy 55 hem-de 95 dýuým aralygynda üýtgeýän dürli görnüşi bar. Şeýle hem pandemiýa döwründe isleg ýokarlanan howa arassalaýjy hem tanyşdyryldy.

Kompaniýa «Vision OmniPod» atly sürüjisiz ulagyny hem görkezdi. Bu ulag ulanyjysyny göni metawers dünýäsine birikdirýär.

**Kerkawgeldi BAGABEKOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## «SONY» elektroulag öndürmekçi



Soňky döwürde elektrikli ulag bazaryndaky bäsdeşlik barha gyzyşýar. Dünýäniň ägirt uly tehnologiýa kompaniýalary bu ugurda iş alyp barýar. Olaryň hataryna Ýaponiýanyň «Sony» korporasiýasy hem goşulyp, iki sany elektroulagyny köpçülige görkezdi. Bu ulagyň önümçiligini «Sony Mobility» ady bilen döredilen kompaniýa alyp barar. Ýapon korporasiýasy ilkinji ulaglaryny ABŞ-nyň Las-Wegas şäherinde geçirilýän halkara sergä çykardy. Ýapon awtoulag öndürijileri howa goýberilýän zyýanly gazlary azaltmaga mümkinçilik berýän tehnologiýalaryň işlenip düzülmegine aýratyn ähmiýet berýär.

**Aýnur PAÝZULLAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Gymmat bahadan satyldy



Ýaponiýanyň paýtagtyndaky «Toyosu» deňiz önümleri bazarynda ýylyň ilkinji söwdasy amala aşyryldy. Däp bolşy ýaly, ýylyň ilkinji satuwa çykarylan tunes balygy auksion arkaly satuwa hödürlendi. Agramy 211 kilogram bolan gök ýüzgüçli tunes 16,88 million ýene satyldy. Balygyň Aomori sebitiniň kenarlaryndan tutulandygy mälim edildi.

Ýurtda köp wagtdan bäri dowam edýän däbe görä, ýylyň ilkinji balygy, gawunyň ilkinji hasyly we beýlekiler auksion arkaly satuwa çykarylýar. 2019-njy ýylda Tsukiji bazarynda auksiona çykarylan 278 kilogramlyk tunes balygy 333,6 million ýene satylypdy. 2020-nji ýylda bolsa 276 kilogramlyk balyga 193,2 million ýen baha kesilipdi. Geçen ýyl bolsa, 208 kilogramlyk balyk 20,84 million ýene satylypdy. Bu balyklary adatça, belli restoranlar mahabat maksady bilen alýarlar.

**Kyýas SOPYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Emeli Gün 17 minut işledi



Hytaýyň Hefeý şäherinde emeli Gün diýlip atlandyrylýan reaktor 70 million derejede 17 minutdan gowrak işledilip rekord goýuldy. Bu tejribäniň ýokary geçirijilikli synag merkezinde (EAST) geçirilendigi habar berildi. Bu täzeçe usul arkaly energiýanyň arassa çeşmelerden alynmagy maksat edinilýär. Geçen ýylyň maý aýynda bu energiýa bekedindäki emeli Gün 101 sekunt işledilipdi. Şol synagda 20 sekuntlap 160 million dereje gyzgynlyk hasaba alnypdy. Bu bolsa, Günden 10 esse gyzgyn diýmegi aňladýar.

Ýangyç hökmünde wodorod we käbir gazlardan peýdalanýandygy we ýylylygy Gündäki ýaly emele getirýändigi üçin bu reaktor emeli Gün diýlip atlandyrylýar. Bilermenler bu usul arkaly energiýa öndürmegiň howany hapalamaýandygyny belleýärler. Sebäbi, munuň üçin gerek bolan wodorod we gaz Ýer ýüzünde ýeterlik mukdarda bar. Ýurtda şeýle beketleriň ýene-de iki sanysy gurulýar. Koreýa Respublikasy ABŞ-da we Russiýada we käbir Ýewropa ýurtlary hem şeýle usul arkaly energiýa öndürmek üçin taslamalar taýýarlaýar.

**Gurbanjemal BATYROWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## DUZ peýdalymy?

Amerikan kardiologik assosiasiýasynyň alymlary duz näçe köp ulanylsa, şonça-da ýürek-damar keselleriniň döremek howpunyň ýokary bolýandygyny anykladylar. Barlaglaryň netijeleri «The New England Journal of Medicine» žurnalynda çap edildi. Lukmanlar 50 ýaşlaryndaky 10 müňden gowrak gatnaşyjyda barlag geçirdiler. Barlaglara zenanlar we erkek kişiler deň derejede gatnaşdylar. Ýygnalan maglumatlaryň seljermesi esasynda ýürek-damar kesellerine uçranlaryň 571-siniň natrini aşa köp, kalini bolsa az ulanandygy belli bolupdyr.



– Iýmitdäki duzuň mukdarynyň artdyrylmagy ýürek keselleriniň döremek howpuny 18 göterim ýokarlandyrýandygy belli boldy – diýip, Garward uniwersitetiniň jemgyýetçilik saglygy mekdebiniň barlag geçirijisi Ýuan Ma aýtdy. Hünärmenler gündelik zerur natriniň howpsuz mukdarynyň kabul edilmegini kesgitlemek üçin has anyk barlaglary geçirmegi meýilleşdirýärler.

**Leýli BAGTYÝAROWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyby.*

## Galyndylar gaýtadan işleniler

Fransiýanyň «Plaxtil» kompaniýasy köne lukmançylyk agyz-burun örtüklerinden dürli esbaplary öndürmegi başardy. Kompaniýa ilki bilen çyzgyç we transportir öndürip başlady. Ilkinji tapgyrda olaryň 6 müň sanysy öndürildi. Munuň üçin 320 müň sany köne örtüklerden peýdalanyldy. Köne örtükleri jemlemek üçin 100-den gowrak kabul ediş nokady döredildi. Örtükler ultramelewşe şöhläniň aşagynda arassalanýar we soňra böleklere bölünýär. Alnan süýümlerden täze zatlar öndürilýär. Kompaniýa ýakyn wagtda köne agyz-burun örtüklerinden asgyç we beýleki zatlary öndürmegi göz öňünde tutýar. Maglumatlara görä, pandemiýa döwründe dünýäde her gün 4 milliarddan gowrak lukmançylyk örtügi zibile zyňylýar. Bu zyňyndylary gaýtadan işlemek üçin täze taslamalar işlenip taýýarlanýar.



**Sünnet MEHMANGULYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Reňkini üýtgedýän telefon



«Vivo» kompaniýasy soňky ýyllarda orta derejeli telefonlaryň birnäçe görnüşini çykarýar. Kompaniýanyň soňky tanyşdyran telefony daşky reňkini üýtgetmegi bilen tapawutlanýar. Kompaniýanyň «Vivo V23» we «V23 Pro» telefonlary «Fluorite AG Glass» atly tehnologiýa bilen gaplanypdyr. Uly ekranly telefonlaryň reňki daşaryk çykylanda gök bolýar. Tehniki aýratynlyklary babatda aýdylanda bolsa «Vivo V23»-iň 50 megapiksel durulygynda esasy kamerasy, şeýle hem 8 megapiksel durulygynda ultragiň kamerasy bar. 5G aýratynlygy bolan «V23 Pro» görnüşinde bolsa, 108 megapiksel durulygynda kamera oturdylypdyr. Şeýle hem 8 we 2 megapiksel durulygynda goşmaça sensorlary bar. Smartfonda barmak yzyňy okaýan sensor ekrana ýerleşdirilipdir. Telefonlaryň 400 hem-de 520 dollar başlangyç bahasy bilen satuwa çykaryljakdygy mälim edildi.

**Perman SAPAROW,**
*Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Durmuş syýasaty baradaky komitetiniň baş hünärmeni.*

## Amerikan bazarynda birinji boldy

«Toyota» kompaniýasy 2021-nji ýylda taryhda ilkinji gezek esasy bäsdeşi «General Motors» kompaniýasyndan öňe geçip, ABŞ-da awtoulag satuwynda birinji ýeri eýeledi. Ýapon kompaniýasy ABŞ-da satuwyny 2020-nji ýyldan bäri takmynan, 10 göterim ýokarlandyryp, 2,3 million ulaga ýetirdi. Bu döwürde «General Motors» kompaniýasy 2,2 million awtoulag satypdyr. «General Motors» 1931-nji ýyldan bäri Amerikanyň awtoulag bazarynda öňdeligi eýeleýär.



2021-nji ýylda ABŞ-da 15 million töweregi awtoulag satyldy. Bu barada «J.D. Power» seljeriş kompaniýasy habar berýär.

**Şemşat ANNAGELDIÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Ekologiýa taýdan arassa binalar

Ýewropa Bileleşigi ýurtlary 2030-njy ýyldan başlap, diňe ekologiýa taýdan arassa binalar gurmagy meýilleşdirýär. Bu babatda Ýewropa Komissiýasy degişli beýanat bilen çykyş etdi. Täze binalar hapa gazlary tebigy ýagdaýda özüne siňdirer. Şeýle binalara häzirki wagtda hem duş gelmek bolýar. Geçen ýylyň oktýabr aýynda Şwesiýada ekologiýa taýdan iň amatly binalaryň biri açyldy. Onuň gurluşygy üçin hiç hili beton ulanylmady. Binanyň sütün gurluşlary ýelimlenen ýaprakly agaçdan ýasaldy. Mundan başga-da, «ýaşyl» binalarda adaty energiýa çeşmeleriniň ýerine arassa çeşmelerden peýdalanylar.



**Merjen AKMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Gara şokoladyň peýdasy



Alymlar şokoladlaryň dürli görnüşlerini öwrenýärler. Ylmy işleriň netijesinde gara şokoladyň ýene-de bir peýdaly tarapy ýüze çykaryldy. Garward uniwersitetiniň alymlarynyň ylmy-barlaglarynyň netijesine görä, gara şokolad gan basyşyny kadalaşdyrýar we ýürek-damar keselleriniň döremeginiň öňüni alýar, ýady we beýniniň işini gowulandyrýar.

Ozal hem gara şokoladyň peýdasy barada aýdylyp geçilipdi. Hünärmenleriň pikirine görä, bu önümde magniý, demir, mis we marganes ýaly köp sanly element bar. Onuň düzüminde adamyň keýpini gowulandyrmaga mümkinçilik berýän elementler bar.

**Aýgül HAJYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## «Mercedes»-den öňe geçdi

Germaniýanyň iri awtoulag öndürijileri 2021-nji ýyly gowy netijeler bilen jemlediler. Awtoulag satuwynda BMW kompaniýasy ilkinji gezek «Mercedes»-den öňe geçmegi başardy. Bu iki kompaniýa kaşaň ulag öndürmekde öňdebaryjylaryň hatarynda durýar. 2021-nji ýylda BMW 1,7 million awtoulag satypdyr. Bu görkeziji «Mercedes»-iň satan ulaglaryndan 112 müň sany köp bolupdyr. Geçen ýyl ýarymgeçiriji ýetmezçiligi sebäpli awtoulag öndürijiler önümçilik meýilnamasyny belli bir möçberde azaltmaly boldular.



**Gülzada ÇARYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Bazar bahasy üç trillion dollar

«Apple» kompaniýasynyň her bir paýnamasynyň bahasy şu ýylyň ilkinji iş gününde 182,88 dollara ýetip, şol gün 3 göterim gymmatlady. Şeýlelikde, tehnologiýa ägirdiniň bazar bahasy 3 trillion dollara ýetdi. Netijede, «Apple» bu sepgitden geçen ilkinji kompaniýa boldy. Kompaniýanyň paýnamalary geçen ýylyň başyndan bäri 3 esseden gowrak gymmatlady. «Apple»-iň bazar nyrhy 2018-nji ýylyň awgustynda 1 trillion dollardan geçipdi. Geçen ýylyň awgustynda bolsa 2 trillion dollar sepgidinden geçipdi.



Häzirki wagtda «Microsoft»-yň bazar nyrhy 2,5 trillion dollara we «Alphabet»-iň bazar nyrhy 1,9 trillion dollara barabardyr.

**Mekan NAZAROW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Teleskopyň saýawany açyldy



Kosmosy has çuňňur öwrenmek maksady Täze ýyl baýramynyň öň ýanynda uçurylan Jeýms Webb teleskopynyň Gün şöhlesinden goranýan saýawanynyň açylandygy mälim edildi. ABŞ-nyň Aerokosmos edarasy tarapyndan taýýarlanan taslamanyň çäklerinde uçurylan enjamyň saýawanynyň ululygy 21 metre barabar. Batbörek görnüşli teleskopyň saýawany Gün şöhlesiniň zyýanly täsirinden goraýar. Saýawan bäş gatly bolup, iki günüň dowamynda ýeke-ýekeden açyldy. Teleskop uzak aralykdan gelýän infragyzyl şöhleleri duýmaga ukyply bolup, asman jisimlerini has giňişleýin öwrenmäge mümkinçilik berer.

**Jeren AŞYRMÄMMEDOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 7-si, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-108605
Belgisi: 1/1463
Tiražy: 3600
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly rowaçlygyň ýyly bolar

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ata Watanymyz öňde goýlan il-ýurt ähmiýetli beýik maksatlara tarap ynamly ädimleri ädýär. Hormatly Prezidentimiziň halkymyzyň abadan hem eşretli durmuşda ýaşamagy babatda edýän aladalary netijesinde ähli ugurlarda uly ösüşler gazanylýar. Ýangyç-energetika toplumyny durnukly ösdürmek we energiýa çeşmelerini rejeli peýdalanmak ýurt üçin hem, dünýä hyzmatdaşlygynda hem möhüm ugurlaryň biri bolup durýar. Baý hem kuwwatly döwlete dahylly bolan gözel toprak, bol suw, arassa howa, ir-iýmişler, Garagum sährasyndaky süri-süri mallar halkyň eşreti, il-günüň bolelin ýaşaýşy üçin hyzmat edýär. Halk üçin döredilýän mümkinçilikler, sagdyn durmuş ýörelgesi ýaşlaryň hem gujur-gaýrata beslenmegine, ylymly-bilimli, giň düşünjeli, kemally nesil bolup ýetişmegine hemaýat edýär. Arkasynda Türkmenistan ýaly eziz Watany, Gahryman Arkadagy bar bolan nesiller bagtlydyr.

Hormatly Prezidentimiz «Döwlet adam üçindir!» diýip, ýurdumyzda bar bolan ähli baýlyklarymyzy halkymyzyň eşretli ýaşaýşyna bagyş edeninden soňra, oňa aýawly çemeleşmelidiris. Häzirki wagtda ilatyň bolelin, eşretli, bagtyýar durmuşyny elektrik energiýasynyň berýän eşretinden üzňe göz öňüne getirmek mümkin däldir. Geljekki nesillerimiziň hem ata Watanymyzyň baýlyklaryndan öz ýetik paýyny almagy üçin biz şu günki gün olaryň aladasyny etmeli. Ýurdumyzyň her bir obasynda elektrik toguny, «mawy ýangyç» bolan tebigy gazy ýakyp, önüm öndürýän hususy kärhanalar, hojalyklar günsaýyn köpelýär. Pederlerimiziň: «Isrip – haram», «Tygşytly döwlete ýeter», «Aşyny aýan aşa ýeter, donuny aýan toýa» diýişleri ýaly, her bir zadyň gadyr-gymmatyny bilip, oňa aýawly çemeleşmelidiris. Pederlerimizden gözbaş alýan bu asylly ýörelgä, ýagny, bar zadymyzy yrýa etmän ulanmagy başarmak biziň özümize baglydyr.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda durmuşa geçirýän beýik işleriniň esasy ugry halkyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmaklyga, Türkmenistanda ýaşaýan her bir raýatyň Watanyň howandarlygyny duýup, bagtyýar, eşretli durmuşda ýaşamaklygyna gönükdirilendir. Ynha, 2022-nji ýyly – «Halkyň Arkadagly zamanasy» atly ýylymyzy ak arzuwlar bilen garşy aldyk. Gahryman Arkadagymyz halkymyza ukybyny, başarnygyny we zähmet öndürijiligini döredijilikli ösdürmek bagtyny berdi. Gözbaşy asuda durmuşyň lezzetinden, päk zähmetiň erkanalygyndan gaýdýan bu gowulygyň agzybir halkymyzyň ykbalynda we milletiň taryhynda aýratyn orny bar. «Halkyň Arkadagly zamanasy» atly ýylymyzy wasp edip, ýaş nesillerimize ylym-bilim öwredip, bagtyýarlyk döwrümizde bitirilýän uly işleri, ajaýyp durmuşymyzy wasp edip, ak ýürekden zähmet çekeris. Goý, hormatly Prezidentimiziň saýasynda «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylymyzda eziz Diýarymyz ösüşlerden-ösüşlere bedew bady bilen gadam ursun! Şeýle bagtyýar günleri döreden Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, tutýan tutumlary rowaç bolsun!

**Maral AGAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*






# Arkadagymyzyň sahawatly döwri

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Bilşimiz ýaly, tamamlanan ýyl milli Liderimiziň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn goldanan hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2021-nji ýyly – «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmegi mynasybetli «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary diýlip atlandyryldy. Hakykatdan hem, bu şygar diňe bir Türkmenistan Watanymyz üçin däl, eýsem, dünýäniň ähli döwletleri üçin möhüm başlangyçlaryň biri boldy. Sebäbi, milli Liderimiziň öňe süren parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty soňky ýyllarda dünýä jemgyýetçiligi üçin möhüm adalgalaryň birine öwrüldi.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, häzirki döwürde berkarar Watanymyz sebitde durnuklylygyň hem-de howpsuzlygyň daýançlarynyň, kuwwatly we depginli ösýän, daşary ýurt maýa goýumlary üçin



özüne çekiji, dünýäde uly abraýa hem-de hormata eýe bolan döwletleriň biri hökmünde giňden tanalýar. Umuman, ýurdumyzyň daşary syýasat boýunça baş ugry parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn berkitmäge, Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilendir.

Ine, şeýle uly umyt-arzuwlar bilen «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary diýlip atlandyrylan ýyl ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy hem-de paýtagtymyz Aşgabadyň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllygy mynasybetli köp sanly çäreleri geçirmek bilen şowly ýyllaryň birine öwrüldi.

Täze, «Halkyň Arkadagly zamanasy» şygary bilen geçjek ýyla gadam basdyk. Döwlet Baştutanymyz täze ýylyň şygaryny tassyklamak bilen bu şygaryň öňde goýan maksatlarymyza tarap ynamly öňe gitmäge ýardam edýändigini belledi.

2022-nji ýylyň şygary türkmen halkynyň milli ýörelgelerine hem-de onuň taryhy we medeni dessurlaryna gabat gelýär. Bu şygar häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň oňyn içeri we daşary syýasatynyň, parahatçylyk dörediji döwletimiziň okgunly ösüşiniň esasyny düzýändigi, onuň ynsanperwerlik ýörelgeleri bilen berk baglanyşyklydyr.

Şu ýylyň şygary bagtyýar zamanany esaslandyran we halkymyzy hem-de Watanymyzy täze belent sepgitlere ynamly alyp barýan Gahryman Arkadagymyza bildirilýän belent hormatyň aýdyň nyşanydyr. Ähli ugurlarda täze belentliklere ynamly gadam urýan ýurdumyz sazlaşykly ösüş ýoluna düşdi. Garaşsyz Watanymyzda gazanylýan üstünlikler hormatly Prezidentimiziň çuňňur oýlanyşykly we öňdengörüjilikli syýasatynyň aýdyň miwesidir.

Häzirki wagtda milli Liderimiziň parasatly baştutanlygynda halkymyz bagtyýar durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar we öndürijilikli zähmeti bilen halk hojalygynyň ähli pudaklaryny özgertmek boýunça öňde durýan wezipeleri üstünlikli amala aşyrýar. Bu bolsa watandaşlarymyzyň nurana geljege bolan ynamyny has-da pugtalandyrýar.

**Eziz ARTYKLYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*




# BARS – baýlyk

Täze ýyl täze arzuwlar, täze maksatlar, täze umytlar diýmek. Täze ýyly hemişe täze arzuwlar bilen garşylaýarys. Çünki her ýyl özüniň aýratyn öwüşgini bilen gelýär. Goý, 2022-nji ýyl hem rysgal-berekede baý ýyllaryň biri bolsun! 2022-nji ýyl – Gündogar müçenamasynda bars ýyly.

Hormatly Prezidentimiziň Täze ýyl Gutlagynda belläp geçişi ýaly, «Bars – baýlyk» diýýän halkymyz bu ýyly rysgal-döwletli, bereketli hasaplap, täze ýyla aýdyň maksatlar, uly ynam bilen gadam basýar.

Bars batyrgaýlygy bilen bellidir, şonuň üçin şu ýyl täze taslamalary durmuşa geçirmek üçin şowly ýyllaryň biri bolar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ösüşli menzilleri aşýan eziz Diýarymyz hem Bars ýylyna – «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylyna gadam basdy. Tamamlanan ýylda uly üstünliklere beslenen Diýarymyzda täze ýylda hem uly üstünlikler ýar bolsun!

2021-nji ýylda ýurdumyz mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygyny hem-de Aşgabat şäheriniň döredilmeginiň 140 ýyllygyny uludan toýlady. Şanly senelere gabatlap, köp sanly durmuş we önümçilik maksatly binalardyr desgalar ulanmaga berildi.

Umuman, ata Watanymyzyň ähli künjeklerinde ulanmaga berlen ýüzlerçe ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriňdir çagalar baglarynyň, saglygy goraýyş, sport we beýleki önümçilik desgalarynyň, seýilgähleriň açylyş dabaralary geçen ýyla aýratyn öwüşgin çaýdy. Geçen ýylda ulanmaga berlen Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Aşgabat-Tejen bölegini, Kaka we Babadaýhan dokma toplumlaryny, Türkmenabat, Balkanabat hem-de Daşoguz şäherlerindäki «Türkmeniň ak öýi» binalary, «Aşgabat» söwda, dynç alyş we işewürlik merkezi, «Arkadag» hem-de «Garagum» myhmanhanalary ýurdumyzda gurlup, ulanmaga berlen 73 sany iri desgalaryň käbiridir.

Halk hojalygynyň ähli ulgamlarynda gazanylan üstünlikleriň täze ýylda hem uly depginler bilen dowam etjekdigini bellemek gerek. Milli Liderimiziň öňdengörüjilikli içeri we daşary syýasaty netijesinde, durmuş ugurly syýasata hem uly ähmiýet berilýär. «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgä eýerýän hormatly Prezidentimiz halkymyzyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulandyrylmagy üçin ýadawsyz alada edýär. Şonuň üçin täze ýylyň býujeti düzülende hökmany suratda durmuş ugurly taslamalara köp möçberde pul serişdeleriniň gönükdirilmegi hemişe üns merkezinde saklanýar. Şu nukdaýnazardan, zähmet haklary, pensiýalar hem-de döwlet kömek pullary, talyp we diňleýji haklary 10 göterim ýokarlandyryldy. Mundan başga-da, ýaşaýyş jaýlarynyň gurulmagy, döwrebap mekdepdir çagalar baglarynyň sanynyň köpeldilmegi babatda täzeçil çemeleşmeler alnyp barylýar.

Goý, Garaşsyz Diýarymyzy dost-doganlyk ýollary bilen ösüşlerden-ösüşlere alyp barýan milli Liderimiziň jany sag, ömri uzak, tutumly işleri rowaç bolsun!

**Batyr AŞYROW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Yhlasly zähmet çekmek täze üstünliklere iterýär

**Gahryman Arkadagly döwrümiziň ýene bir ajaýyp ýyly «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly başlandy. «Öňe, öňe, diňe öňe! – biziň beýik şygarymyz» diýip belleýän hormatly Prezidentimiziň Täze ýylyň ilkini günlerinde Mary welaýatyna özüniň saparyny amala aşyrdy.**

**Dünýä maliýe-ykdysady gatnaşyklarynyň şeýle çylşyrymly döwründe ata Watanymyzda ähli babatda ösüşler dowam edýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda öz wagtynda kabul edilen kararlardyr çözgütleriň netijesinde amal bolýar.**

**Halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmak ugrunda irginsiz tagalla edýän hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda uly üstünlikler gazanylýar, zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirilýär. Bu ýyl üçin oýlanyşykly düzülen Döwlet býujeti kabul edildi.**

**Umuman, ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda gazanylýan üstünlikler halkymyzyň hal-ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna gönükdirilendir. Halkymyzyň eşretli durmuşy bilen baglanyşykly alnyp barylýan giň gerimli işler, ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeler hem-de parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlar ildeşlerimiz tarapyndan gyzgyn goldaw tapýar.**

**Mary welaýatyna amala aşyran saparynyň dowamynda tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolan iri «Galkynyş» gaz känine baryp görmegi, Garagum sährasyndaky öri meýdanlary bilen tanyşmagy hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ähli ulgamlarynyň sazlaşykly ösüşini hemişe üns merkezinde saklaýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.**

**Dünýäniň iri energetika döwletleriniň biri hökmünde ykrar edilen eziz Diýarymyzda uglewodorod gorlaryny netijeli ulanmaga uly ähmiýet berilýär. Bu pudakda daşky gurşawa zyýan ýetirmezden, iri möçberli taslamalary durmuşa geçirmekde, şeýle hem ekologiýa taýdan arassa energiýany işlemekde iň öňdebaryjy tehnologiýalar ulanylýar.**



**Milli Liderimiz senagatda ýurdumyzyň tebigy baýlyklarynyň ulanylmagy Garaşsyz döwletimiziň rowaçlanmagynyň bähbidi ugrundaky işlere, milli ykdysadyýetimiziň pugtalanmagyna hem-de halkymyzyň durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagyna ýardam edýändigini belleýär. Hormatly Prezidentimiz tebigy baýlyklarymyzy türkmen halkynyň we dünýä halklarynyň bähbidine netijeli ulanmak üçin köp işleri amala aşyrýar.**

**Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzyň raýatlarynyň döredijilikli zähmet çekmegi ugrunda ähli mümkinçilikler döredilýär. Muňa milli Liderimiziň Mary welaýatynyň çägindäki öri meýdanlary bilen tanyşmagy hem-de bu ýerdäki çopan goşuna baryp görmegi hem aýdyň subutnamadyr. Döwlet Baştutanymyzyň ýadawsyz aladalary bilen oba adamlarynyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak, netijeli işlemek, döwrebap ýaşamak we oňaýly dynç almak üçin hemme zerur şertler döredilýär.**

**Milli Liderimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumyny düýpli özgertmek strategiýasy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu ugurda maldarçylygyň pugtalandyrylmagyna, onuň mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijilere hemmetaraplaýyn goldaw berilýär. Soňky ýyllarda welaýatlarda iri maldarçylyk we guşçulyk toplumlary guruldy hem-de gurulýar, bu ugurda alnyp barylýan işler dowam edýär.**

**Hormatly Prezidentimiziň hemişe belleýşi ýaly, döwletimiz mundan beýläk-de maldarçylyk pudagynyň ösdürilmegine we ýurdumyzda azyk bolçulygynyň üpjün edilmegine, içerki bazaryň ýokary hilli, dürli görnüşli et-süýt önümleri bilen doldurylmagyna mynasyp goşant goşýan zähmetkeşlerine hemmetaraplaýyn goldaw berer.**

**Azymberdi GARRYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Durmuş ulgamy pugtalandyrylýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň ýokary depginlerini nazara alyp hem-de pensiýa üpjünçiligi we durmuş taýdan goramak meselesinde raýatlara döwlet kepillendirmelerini güýçlendirmäge gönükdirilen «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin baş ugry» Milli maksatnamany yzygiderli durmuşa geçirmek maksady bilen durmuş syýasaty halkyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, ýaşaýyş şertlerini hasda gowulandyrmaga gönükdirilendir. Munuň şeýledigine her ýylyň 1-nji ýanwaryndan zähmet haklarynyň, pensiýalarynyň hem-de döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberleriniň 10 göterim ýokarlandyrylmagy, her ýyl kabul edilýän Döwlet býujetiniň taslamasy düzülende, onuň çykdajylar böleginiň 70 göterimden gowragynyň durmuş ulgamyna gönükdirilýändigi hem aýdyň subut edýär.



Ata Watanymyz Türkmenistan döwletimizde adam, onuň rahatlygy, bagtyýarlygy hakynda uly alada edilýär. Sebäbi durmuşyň abadanlygy, adamlaryň bagtyýarlygy ýurdumyzyň gymmatly baýlygydyr. Döwlet tarapyndan goldaw – bu durmuş kömegi bolup, durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmagy zerur bolan raýatlara berilýär. Döwlet kömek puly döwlet durmuş üpjünçiligi usulynyň bir bölegi bolup durýar we saglyk ýagdaýy boýunça bölekleýin, doly ýa-da wagtlaýyn zähmete ukyplylygyny ýitirmegi, enelik we çagalyk ekleýjisini ýitirmegi, pensiýa ýaşa ýetip üpjünçilik çeşmelerini ýitirmegi bilen baglanyşykly ýitirilen girdejiniň bir bölegini saklamak üçin pul tölegleri görnüşinde aňladylýar.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasaty netijesinde ýurdumyzda halkymyzyň saglygy, abadan ýaşamagy, döredijilikli işlemegi we wagtlaryny hoş geçirmekleri üçin döwletli tutumlar rowaçlanýar. Ilatymyzy durmuş taýdan goramak üçin hukuk, guramaçylyk, ykdysady esaslary kanunçylyk taýdan kepillendirilýär.

«Ilkinji nobatda, meniň ähli aladam halkym bolar» diýýän hormatly Prezidentimiz halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmak, mundan beýläk-de pugtalandyrmak maksady bilen «Türkmenistanyň ilatyny durmuş taýdan goramak hakynda» kodekse üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Ýagny, 2022-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan «Ene mähri» diýen hormatly ada mynasyp bolan eneleriň pensiýalarynyň, çaga seretmek boýunça döwlet kömek pullarynyň, durmuş kömek pullarynyň, sekiz we şondan köp çagany terbiýeläp ýetişdiren eneleriň has ir pensiýa çykmagy bilen baglanyşykly, şeýle hem çaganyň doglandygy üçin bir wagtlaýyn berilýän döwlet kömek pullarynyň, bäş we şondan köp çagany terbiýeläp ýetişdiren zenanlara berilýän döwlet kömek pullarynyň möçberleri artdyryldy.

Döwletimizde halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagy ugrunda uly alada edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri rowaçlyklara beslensin!

**Gültäç ANNAMÄMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

# Alabaýlaryň sarpasy belentde

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Türkmen alabaý itleri dünýäniň goragçy tohum itleriniň hatarynda öňdäki orny eýeleýär we hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, alabaýlaryň tapawutly aýratynlyklarynyň birini hem ýitirmezligi üçin olary diňe hünär derejesinde köpeltmek zerurdyr.

Bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyna ähmiýetli orun berilýär. Hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasy – ÝUNESKO we beýleki iri guramalar, şol sanda daşary ýurtlaryň assosiasiýalary, şeýle hem dünýäniň dürli döwletlerinden ýuridik şahslar we hususy itşynaslar bilen uzak möhletli hyzmatdaşlyk ýola goýulýar.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna türkmen halkynyň ajaýyp däplerini girizmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Şolaryň hatarynda alabaý tohum itlerini ösdürip ýetişdirmek hem bar.



Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen ýurdumyzda Türkmen alabaýynyň baýramy giňden bellenilýär. Geçen ýyl bu baýramçylyk Türkmen bedewiniň milli baýramy bilen bilelikde bellenen bolsa, şu ýylda bu baýramçylyk aýratynlykda bellener. Hormatly Prezidentimiziň gol çeken Permanyna laýyklykda, her ýylyň oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen alabaýynyň baýramy bellenip geçiler.

Geçen ýyl Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň toplumynyň açylyş dabarasy boldy, şeýle hem teleköpri arkaly Ahal welaýatyndaky Karantin merkezi, Balkan, Daşoguz, Lebap, Mary welaýatlarynda we Aşgabat şäherinde gurlan merkezler ulanmaga berildi. Bu bolsa türkmen alabaýlarynyň sarpasynyň döwlet derejesinde has-da belende göterilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Döwrebap toplumyň we merkezleriň ulanmaga berilmeginiň ýurdumyzda türkmen alabaýlarynyň sanyny köpeltmäge, tohumçylyk işlerini alyp barmaga we gadymy nesil ugurlaryny dikeltmäge hem-de türkmen alabaý itleriniň arasynda halkara derejede sergileri we bäsleşikleri geçirmäge doly mümkinçilik berýär.

Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasy tohumçylyk itşynaslygynyň toplumlaýyn düzümini ösdürmekde, türkmen alabaýlarynyň şan-şöhratyny artdyrmakda, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary giňeltmekde möhüm işleri alyp barýar.

Alabaý eýesine wepalylygyň, gaýduwsyzlygyň, batyrlygyň, dogumlylygyň nyşanydyr. Şonuň üçin 2017-nji ýylda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň tumary hökmünde türkmen alabaýynyň şekiliniň seçilip alynmagynda hem uly many bardyr.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ynsanperwerlige ýugrulan ajaýyp işleri durmuşa geçirýändigi, milli gymmatlyklarymyza uly sarpa goýýandygy üçin hormatly Prezidentimize alkyşymyz çäksizdir.

**Baýgeldi NURMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Fransiýa Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlygy boldy

Fransiýa 1-nji ýanwardan başlap, öňümizdäki alty aýyň dowamynda Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlygynyň wezipesini ýerine ýetirer. Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlygy bolan ýurduň wezipelerine, esasan, onuň işini we gün tertibini guramak hem-de meýilnamalaryny düzmek ýaly wezipeler girýär. Fransuz ministrleri Ýewropa Bileleşiginiň ministrleriniň mejlislerine başlyklyk ederler, ylalaşyklary gazanmaga, kararlary kabul etmäge ýardam bererler, Geňeşiň içinde we Ýewropa Bileleşiginiň beýleki guramalary – Ýewropa Komissiýasy we Ýewropa Parlamenti bilen hyzmatdaşlykda kanunçylyk başlangyçlaryny tassyklarlar. Ýewropaly diplomatyň bellemegine görä, Fransiýa alty aýyň içinde dürli derejelerdäki ýygnaklaryň iki müňe golaýyny geçirmegi meýilleşdirýär, olaryň 400-si Fransiýanyň çäginde guralar.

17-18-nji fewral aralygynda Brýusselde geçiriljek Ýewropa Bileleşigi-Afrika sammiti Fransiýanyň Prezidentiniň möhüm daşary syýasat çäresi bolar. Onuň netijelerine görä, Ýewropa Bileleşigi Afrika ýurtlary üçin uly göwrümli täze «maýa goýum bukjasyny» yglan etmekçi.

Mundan başga-da, mart aýynyň ahyrynda Ýewropa Bileleşiginiň sammitinde Ýewropa liderleri Ýewropanyň ilkinji goranyş we howpsuzlyk strategiýasy bolan «Strategik kompasy» goldamagy meýilleşdirýärler. Ony taýýarlamak birnäçe ýyl bäri bilermenler we ministrler derejesinde dowam edýär. «Strategik kompas»-yň täzelenen görnüşi, 12-14-nji ýanwarda Fransiýanyň Brest şäherinde daşary işler ministrleriniň we Ýewropa Bileleşiginiň goranmak ministrleriniň resmi däl ýygnaklarynda hödürlener.



Fransiýanyň başlyklygy döwründe Ýewropa Bileleşiginde ýokary aýlyk haklarynyň girizilmegi, transmilli sanly korporasiýalaryň işini kadalaşdyrmak we uglewodorod salgydynyň girizilmegi ýaly meselelerde öňegidişlige sabyrsyzlyk bilen garaşylýar. 2022-nji ýylyň 1-nji iýulyndan Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşliginiň başlyklygy Çehiýa geçer. Mundan ozal Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşine Sloweniýa başlyklyk edipdi.

Fransiýada Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlyklygy döwründe Prezident saýlawlary geçiriler. Ses berişligiň birinji tapgyry 10-njy aprelde, ikinjisi 24-nji aprelde meýilleşdirilýär.

# EÝNŞTEÝNDEN ÖŇE GEÇDI

**Beýik Britaniýaly 12 ýaşly mekdep okuwçysy Barnabi Suinbern «Mensa» synagyndan geçensoň, onuň IQ-si Albert**



**Eýnşteýniňkiden has ýokarydygy belli boldy.**

**Barnabi Suinbern synaglarda 162 bal gazandy. Onuň 18 ýaşa çenli çagalaryň arasynda iň ýokary bal gazanandygy bellendi. Şol bir wagtyň özünde, Eýnşteýniň IQ derejesi 160 bal diýip hasaplanýar. Şeýlelik bilen Barnabi ähli döwürleriň iň beýik fizikleriniň birinden öňe saýlandy.**

**Synagyň netijeleri esasynda mekdep okuwçysy ýokary akyl derejesi bolanlaryň jemgyýetine kabul edildi.**

**– Men onuň akyllydygyny bilýärdim. Ol özüni goşmaça synap görmek kararyna geldi, şonuň üçin Roždestwo sowgady hökmünde synag edilmegini sorady. Matematika we himiýa onuň iň söýýän ugurlary – diýip, okuwçynyň ejesi Gislene aýtdy.**

**Barnabiniň geljek üçin uly meýilnamalary bar. Ol programmaçy bolmagy meýilleşdirýär. Munuň üçin oglanjyk uniwersitet kurslaryna gatnaýar we Oksforda girmek isleýär.**

# GDA-nyň medeni paýtagty

Gyrgyzystanyň Yssyk-köl sebitindäki Karakol şäheri 2022-nji ýylda GDA-nyň medeni paýtagty bolar. Şäher bu derejäni Täjigistanyň paýtagty Duşanbe şäherinden kabul etdi.

Gyrgyzystanyň Daşary işler ministrliginiň habaryna görä, «Duşanbe, GDA-nyň medeni paýtagty – 2021»-iň ýapylyş dabarasy we estafetanyň 2022-nji ýylda Karakol şäherine gowşurylyş dabarasy S.Aýni adyndaky Täjigistanyň döwlet akademiki opera we balet teatrynda geçirildi. Çäräniň dowamynda GDA-nyň ýerine ýetiriji komitetiniň başlygynyň orunbasary Beketjan Jumahanow bilen Duşanbe şäheriniň häkiminiň orunbasary Amirhon Kurbonzoda dabaraly ýagdaýda Karakol şäherine bu derejäni gowşurdylar.

Medeni paýtaglar taslamasynyň maksady dialogy ösdürmekden we Arkalaşyk ýurtlarynyň medeni mümkinçiliklerini birleşdirmekden ybaratdyr.



# Döwürleýin başlyklygyny kabul etdi

1-nji ýanwarda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) başlyklygy Şwesiýadan Polşa geçdi. 57 ýurdy öz içine alýan bu halkara guramada Polşa Respublikasy utgaşdyryjy hökmünde çykyş eder.

Polşanyň Premýer-ministri Mateuş Moraweskiniň belleýşi ýaly, hökümet parahatçylygy we howpsuzlygy berkarar etmek üçin öz tagallalaryny gaýgyrmaz.

ÝHHG-niň çägindäki meseleleri çözmäge gönükdirilen meýilnamalar ozal Respublikanyň daşary işler ministri Zbignew Rau tarapyndan yglan edilipdi.

– Polşa başlyk hökmünde howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek üçin ähli tagallalary goldamaga çalşar. Biziň ünsümiz häzirki ýagdaýlara gönükdirilip, sebitiň durnuklylygyna çynlakaý täsir eder – diýip, ol belledi.

Polşanyň başlyklygynyň doly maksatnamasy şu aýyň içinde Wenada hödürlener. Ministriň nygtaýşy ýaly, Polşa başlyk hökmünde ÝHHG-niň ähli guramalaryny, wekilhanalaryny we institutlaryny işe çekmek bilen hemmetaraplaýyn we işjeň hereket etmekçi. ÝHHG howpsuzlyk meseleleri bilen meşgullanýan dünýäniň iň uly sebit




guramasydyr. Gurama Demirgazyk Amerikada, Ýewropada we Merkezi Aziýada ýerleşýän 57 ýurdy öz içine alýar. Guramanyň ştab-kwartirasy Awstriýanyň paýtagty Wenada ýerleşýär. Bu gurama 1973-nji ýylda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Geňeşi ady bilen döredildi.

# Dawos forumy yza süýşürildi

17-21-nji ýanwar aralygynda Şweýsariýanyň Dawos şäherinde geçiriljek Bütindünýä ykdysady forumynyň (WEF) ýyllyk maslahaty koronawirusyň omikron ştammynyň dünýäde ýaýramagy bilen baglanyşykly geçirilmez. Bu barada guramanyň Ženewadaky baş edarasy tarapyndan mälim edilip, maslahatyň tomsuň başynda geçiriljekdigi habar berildi.

Bütindünýä ykdysady forumynyň wekilleri häzirki şertlerde koronawirus pandemiýasy sebäpli maslahaty geçirmegiň gaty kyndygyny bellediler. Şu aýda geçiriljek Dawos maslahatynda saglyk talaplary berk berjaý edilmegi göz öňünde tutulan hem bolsa, omikron ştammynyň ýokary ýokançlygy maslahaty yza süýşürmäge mejbur etdi.

WEF «Dünýädäki ýagdaý» mowzugynda birnäçe onlaýn sessiýa geçirmegi meýilleşdirýär. Hasabatda «bu gepleşikler dünýäniň iň möhüm meseleleriniň çözgütlerini tapmaga ýardam berer» diýilýär.




WEF Şweýsariýanyň hökümete degişli bolmadyk guramasydyr. Maslahatda öňdebaryjy işewürler, syýasy ýolbaşçylar we dürli iş ugurlary boýunça hünärmenler duşuşýarlar. Müň töweregi iri kompaniýa we gurama WEF-iň agzalarydyr.

# Geçen ýylyň medeni wakalary

2021-nji ýylda ähli medeni edaralar we çäreler pandemiýanyň täsirini başdan geçirdiler. Olaryň köpüsi wideokonferensiýa görnüşinde işlerini dowam etdirdiler. Bu, esasan hem, tehnologik we etiki özgerişlikleri başdan geçirýän moda we sungat dünýäsinde aýratyn orun eýeledi. Geliň, geçen ýylyň medeni wakalaryna göz aýlalyň.

Geçen ýylyň başy Ýewropa Bileleşiginiň hemme ýerinde ýapylan teatrlar we muzeýler üçin aňsat bolmady. Olar Londonda, Parižde, Rimde, Berlinde, Afinyda we Amsterdamda diňe maý aýynda täzeden açyldy. Emma berk çäklendiriji çäreler ýylyň ahyryna çenli dowam etdi. Şeýle ýagdaýda Ýewropa parlamenti geçen ýazda 7 ýylyň dowamynda medeni zerurlyklar üçin 2,4 milliard ýewro bölüp bermek üçin ses berdi. Bu öňkä garanyňda 2 esse köpdür. Şeýlelik bilen Ýewropa Parlamentiniň agzalary medeniýetiň ähmiýetini, hatda onuň zerurdygyny ykrar etdiler. Bu bolsa öz gezeginde, girdeji gazanmaga we iş ýerlerini döretmäge mümkinçilik döretdi.

Geçen ýylyň möhüm ugry, satuwy rekord derejede ösýän sanly sungat eserleriniň özboluşlylygyny kepillendirýän «kriptografik token» diýlip atlandyrylýan ugruň çalt ösmegi boldy. Bu ugurda işleýän suratkeş Maýk Winkelmannyň «Ynsanyýet» diýen eseri geçen ýyl 25 million dollara satyldy.

Moda dünýäsi hem barha özgerýär. Moda sergisi ýylyň birinji ýarymynda wirtual ýagdaýda geçirildi. Sentýabr aýynda Milanda, Parižde we Nýu-Ýorkda moda hepdeligi geçirildi. Ýöne bu uzaga çekmedi, sebäbi gyş koronawirus ýokanjynyň täze tolkuny bilen geldi. Ýöne muňa garamazdan, sungat bazary beýleki pudaklara



garanyňda, uly ösüşleri bilen tapawutlandy. Auksion söwdalary rekordlaryny täzeledi. Ýanwar aýynda Sandro Botticelliniň çeken suraty 80 million ýewrodan gowrak baha satyldy. XX asyryň meşhur amerikan suratkeşi Žan-Mişel Baskiýanyň çeken suraty bolsa 10 million ýewro satyldy. Geçen ýylyň ýene bir möhüm wakasy bolsa, sungat eserleriniň öz watanyna gaýtarylyp berilmegi boldy. Beýik Britaniýa geçen güýzde Benin şalygy döwrüniň bürünçden ýasalan eserlerini Nigeriýa gaýtaryp berdi. Germaniýa hem geçen ýyl şeýle çäräni amala aşyrdy. Bulardan başga-da Fransiýada Prezident Emmanuel Makronyň gatnaşmagynda 100 ýyldan gowrak mundan öň alnyp gaýdylan 26 sungat eserini Nigeriýa gowşurmak dabarasy geçirildi.

# Agaçdan ýasalan ilkinji emeli hemra

**Ýapon hünärmenleri ýakyn wagtda agaçdan ýasalan ilkinji emeli hemranyň uçurylmagyna taýýarlyk bilen baglanyşykly synaglara girişer. Synaga sakuranyň bir görnüşi bolan agaç saýlandy. Agaçdan ýasalan bu paneller açyk kosmosda 9 aý saklanyp, şondan soň alymlar emeli hemra ýasamak üçin haýsy materialyň has amatlydygy barada gutarnykly netijä gelerler.**

**Kub görnüşli kiçijik enjamyň daşyna Gün elementleri ornaşdyrylar, beýleki elektron enjamlar we antenna içinde ýerleşdiriler. Hemra 2023-nji ýylda uçurylar. Ýapon alymlarynyň pikirine görä, bu synag, kosmos gämilerini öndürmek üçin ekologiýa taýdan arassa material hökmünde agaçlaryň laýykdygyny subut edip biler.**



# 55 gezek uçurdy

Hytaý 30-njy dekabrda «Chang Zheng 3B» atly göteriji raketasyny üstünlikli uçuryp, kosmos uçuşlarynyň sany boýunça rekord goýdy. Bu barada Hytaýyň kosmos ylymlary we tehnologiýa korporasiýasynyň (CASC) beýanatynda mälim edilýär. CASC-yň habaryna görä, Hytaý 2021-nji ýylyň dowamynda 55 kosmos uçuryşyny amala aşyryp, dünýäde birinji orunda durýar.

Hytaý 40-njy uçuşy bilen oktýabr aýynyň ahyrynda bir ýylda kosmos uçuşlarynyň sany boýunça öz rekordyny täzeledi. Mundan ozalky rekord 39 sany uçuş bilen 2018-nji ýylda hasaba alyndy we 2020-nji ýylda gaýtalandy.

Şol bir wagtyň özünde, kosmos uçuşlarynyň sany boýunça absalýut rekord eýesi ozalky Soýuz 1982-nji ýylda 108, 1966-njy ýylda 77 uçuş bilen ABŞ ikinji orunda gelýär. Russiýanyň häzirki taryhynda 1992-nji ýylda 55 rekord goýuldy.

Hytaý dekabryň ahyrynda iň soňky kosmos uçuryşyny amala aşyryp, ýurduň günorta-günbataryndaky Siçuan welaýatyndaky kosmodromyndan «Şiýan-9» synag aragatnaşyk hemrasyny üstünlikli uçurdy.






# Sues kanalynyň girdejisi artýar

2021-nji ýylda Müsürdäki Sues kanalynyň girdejisi 6,3 milliard dollara ýetip, kanalyň taryhynda iň ýokary görkeziji boldy. Bu barada kanalyň administrasiýasynyň başlygy Osama Rabia habar berdi.

– 2021-nji ýylda kanalyň taryhynda görlüp-eşidilmedik rekord goýlup, ýyllyk girdejisi 6,3 milliard dollara deň boldy – diýip, ol belledi.

Bu mukdar kanalyň 5,6 milliard dollar girdeji gazanan 2020-nji ýyly bilen deňeşdirilende, 12,8 göterim ýokarydyr. Mundan başga-da, Rabianyň pikiriçe, ýyllyk arassa tonnajyň mukdary hem 1,27 milliard tonnadan geçip, rekord derejä ýetdi, bu hem geçen ýyldakydan 8,5 göterim köp. Umuman aýdanyňda, 2020-nji ýylda kanaldan iki tarapa geçen 18 müň 830 gämi bilen deňeşdirilende, 2021-nji ýylda 20 müň 694 gäminiň geçendigi bellendi.

Sues kanaly 1869-njy ýylyň noýabr aýynda gämi gatnawy üçin açyldy. Onuň işe girizilmegi, ozal tutuş Afrika yklymynyň daşyndan aýlanmaga mejbur bolan söwda we harby gämilerine Aziýadan Ýewropa deňiz ýoluny azyndan 8 müň kilometr gysgaltmaga mümkinçilik berdi. Häzirki wagtda bu kanalyň uzynlygy 160 km, çuňlugy hem 20 metrden gowrak bolup, dünýäniň iň uly gämilerine, şol sanda, iň uly nebit tankerlerine-de geçmäge mümkinçilik berýär.

2015-nji ýylda kanalyň 72 kilometrlik täze şahasy açyldy. Ol köne we täze kanallar boýunça bir wagtyň özünde geçip bilmek mümkinçiliginiň hasabyna ulag gatnawynyň kuwwatyny günde 49-dan 97 gämä çenli iki esse artdyrmak üçin niýetlenendir. Müsüriň häkimiýetleri 2023-nji ýyla çenli Sues kanalynyň tutuş toplumyndan alnan girdeji ýylda 15 milliard dollardan geçer diýip garaşýarlar.




# ÝATDA GALAN WAKALARY

► **Ýanwar.** 7-nji ýanwar – Jozef Baýden ABŞ-nyň Kongresi tarapyndan prezidentlige saýlandy.

◆ 24-nji ýanwar – Marselu Rebelu de Souza ikinji möhlete Portugaliýanyň Prezidenti boldy.

◆ 28-nji ýanwar – Sadyr Japarow Gyrgyzystanyň Prezidenti wezipesine girişdi.

► **Fewral.** 13-nji fewral – Mario Dragi Italiýanyň ministrler Geňeşiniň başlygy wezipesine girişdi.

◆ 18-nji fewral – «Perseverance» marsahody Marsa gondy.

► **Mart.** 15-17-nji mart – Niderlandlarda Wekiller palatasyna saýlawlar geçirildi.

► **Aprel.** 1-nji aprel – Eduard Heger Slowakiýanyň Premýer-ministri boldy.

◆ 4-nji aprel – Wýetnam parlamenti Nguen Suan Fuky ýurduň Prezidenti wezipesine saýlady.

► **Maý.** 18-22-nji maý – 65-nji Ýewrowideniýe aýdym-saz bäsleşigi geçirildi. (Rotterdam, Niderlandlar).

► **Iýun.** 9-njy iýun – Mongoliýada geçirilen Prezident saýlawlarynda Uhnaagiýn Hurelsuh sesleriň 72 göterimi bilen ýeňiş gazandy.

◆ 11-nji iýundan 11-nji iýul aralygynda 2020-nji ýylyň futbol boýunça Ýewropa çempionaty geçirildi.

◆ 19-njy iýun – Saýlawlaryň netijeleri boýunça Ebrahim Raisi Eýranyň Prezidenti boldy.

◆ 20-nji iýun – Ermenistanda geçirilen nobatdan daşary parlament saýlawlarynda Nikol Paşinýanyň ýolbaşçylyk edýän «Raýat şertnamasy» partiýasy ýeňiş gazandy.

► **Iýul.** 11-nji iýul – Moldowada geçirilen nobatdan daşary parlament saýlawlarynda Maýa Sandunyň «Hereket we raýdaşlyk» partiýasy ýeňiş gazandy.

◆ 20-nji iýul – «Blue Origin»-iň dört adamlyk «New Shepard» kosmiki gämisi ilkinji suborbital uçuşyny amala aşyrdy.

◆ 23-nji iýuldan 8-nji awgust aralygynda «Tokio 2020» tomusky Olimpiýa oýunlary geçirildi.

◆ 28-nji iýul – Pedro Kastilo Perunyň Prezidenti wezipesine girişdi.

► **Awgust.** 6-njy awgust – Moldowada Natalýa Gawrilisanyň hökümeti tassyklandy.

◆ 15-nji awgust – Owganystanda özgerişlikler boldy.

◆ 31-nji awgust – Estoniýada geçirilen Prezident saýlawlarynda Alar Karis ýeňiş gazandy.

► **Sentýabr.** 13-nji sentýabr – Norwegiýada geçirilen parlament saýlawlarynda Işçiler partiýasy ýeňiş gazandy.

◆ 17-19-njy sentýabr – Döwlet Dumasyna saýlawlar, Russiýada ses berişligiň ýeke-täk güni.

◆ 20-nji sentýabr – Kanadada geçirilen parlament saýlawlarynda Jastin Trýudonyň liberal partiýasy ýeňiş gazandy.

◆ 25-nji sentýabr – Islandiýada geçirilen parlament saýlawlarynda Garaşsyzlyk partiýasy ýeňiş gazandy.

◆ 26-njy sentýabr – Germaniýada geçirilen saýlawlarda Sosial-demokratik partiýasy ýeňiş gazandy. Dolandyryjy konserwatiw blog CDU/CSU ikinji orny eýeledi.

► **Oktýabr.** 1-nji oktýabr – Dubaýda (BAE) 2020-nji ýylyň Bütindünýä sergisi başlandy.

◆ 5-nji oktýabr – Russiýanyň «Perwyý kanal» telewideniýesiniň topary «Çagyryş» filmini surata düşürmek üçin «Soýuz MS-19» kosmiki gämisi bilen Halkara Kosmos Bekedine uçdular.

◆ 9-njy oktýabr – Çehiýada geçirilen parlament saýlawlarynda merkezi sagçy SPOLU koalisiýasy ýeňiş gazandy.

◆ 15-nji oktýabrdan 15-nji noýabr aralygynda Russiýada ilat ýazuwynyň esasy tapgyry geçirildi.

◆ 24-nji oktýabr – Şawkat Mirziýoýew 80 göterim ses alyp, Özbegistanyň Prezidenti wezipesine gaýtadan saýlandy.

◆ 26-njy oktýabr – Angela Merkel Germaniýanyň Kansleri wezipesinden çekilip, täze Kansler saýlanýança wezipesini dowam etdirdi.

◆ 31-nji oktýabr – Ýaponiýada geçirilen parlament saýlawlarynda Premýer-ministr Fumio Kisidanyň ýolbaşçylygyndaky Liberal Demokratik partiýa ýeňiş gazandy.

◆ 31-nji oktýabr – BMG-niň howanyň üýtgemegi boýunça konferensiýasy Glazgoda başlandy.

► **Noýabr.** 14-nji noýabr – Bolgariýada geçirilen Prezident we parlament saýlawlarynda «Özgerişlikleri dowam etdireris» atly liberal partiýa ýeňiş gazandy.

◆ 21-nji noýabr – Bolgariýada, häzirki döwlet Baştutany Rumen Radewiň ýeňiş gazanan Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry geçirildi.

◆ 24-nji noýabr – Stefan Lýowen işinden çekildi. Magdalena Andersson Şwesiýanyň täze Premýer-ministri boldy.

◆ 30-njy noýabr – Barbados Respublika boldy.

► **Dekabr.** 8-nji dekabr – Angela Merkel işinden çekildi. Olaf Şols Germaniýanyň täze federal Kansleri boldy.

◆ 19-njy dekabr – Çilide geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda Gabriel Boriç ýeňiş gazanyp, ýurduň taryhynda iň ýaş Prezident boldy.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Dünýäniň meşhur adalary

*Ýer ýüzünde tebigy aýratynlygy bilen haýran galdyrýan adalaryň müňlerçesi bar. Olaryň köpüsi iri şähere ýakyndygy, gämi gatnaw ýollarynyň kesişýän ýerinde ýerleşýändigi, ýaşamak üçin amatlydygy sebäpli oturymlylaşypdyr. Bu adalaryň käbiri barada gysgaça maglumaty siziň dykgatyňyza ýetirýäris.*

**Wenesiýa**

Kanallary bilen dünýä belli Wenesiýada ululy-kiçili 117 adalary birleşdirýän 455 köpri bar. Adanyň köne merkezinde kanallar edil şäherlerdäki ýollar ýaly ulanylýar. Güýçli tolkunlaryň emele gelýän güýz we gyş pasyllarynda adanyň iň pes ýeri bolan Pýazza San Markony suw basýar. Maglumatlara görä, sebit soňky müň ýylda 7 santimetr çöküpdir. Geçen asyryň dowamynda Wenesiýa şäheriniň 24 santimetr peselendigi aýdylýar. Alymlar Adriatik deňzinde suwuň derejesiniň ýokarlanmagynyň Wenesiýanyň çökmegine sebäp bolandygyny çaklaýarlar.

**Flores**

Flores adasy Peten Itza kölünde ýerleşip, bir tarapy gury ýere birikdirilen, beýleki tarapynda bolsa Santa Elena we San Benito şäherleri ýerleşýär. Bu ýerde Maýa medeniýetiniň taryhy galyndylary saklanyp galypdyr. Bu taryhy ýadygärlikler her ýylda müňlerçe syýahatçyny özüne çekýär. Mundan başga-da ada şäherindäki gyzyl üçekli binalar, daş düşelen dar köçeler, taryhy ybadathanalar, myhmanhanalar we restoranlar daşary ýurtly syýahatçylar üçin ýatdan çykmajak dynç alşy hödürleýär.

**Lindau**

Taryhy şäher Lindau Awstriýa, Germaniýa we Şweýsariýa serhetleriniň Konstans kölüniň gündogar böleginde ýerleşýär. Şäher materik bilen demir ýol köprüsi arkaly birleşýär we 3 müň töweregi ilaty bar. Agaçdan ýasalan Orta asyr medeniýetine degişli binalar syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär.

**Meksikaltitan**

Meksikanyň Ýuwaş ummanynyň kenarynda adam tarapyndan döredilen kiçijik ada şäheriniň daş-töweregini batgalyk we mangrow agaçlary gurşap alýar. Esasan hem, iýun-oktýabr aýlaryndaky ýagyş möwsüminde köçelerde suw joşýar. Şeýle ýagdaýda ýerli ilat we jahankeşdeler bu ýere gaýykda gezelenç edýärler. Taryhçylar bu ýerde irki wagtlarda aztekleriň ýaşap geçendigini belleýärler.

**Nesebyr**

«Gara deňziň merjenleri» diýlip atlandyrylýan Nesebyryň üç müň ýyldan gowrak taryhy bar. Bolgariýa degişli bolan bu ada taryhy binalarynyň köpdügi bilen tapawutlanýar. Şäherde gündogar prawoslawlaryň baý binagärlik mirasyny görmek bolýar.




**Peskatori**

Balykçylar adasy diýmegi aňladýan bu ýer Şweýsariýanyň Lago Madjore kölündäki Borromeo adasynyň demirgazygynda ýerleşýär. Adanyň 50 sany ýaşaýjysy bar. Bu ýeriň ilaty balykçylyk bilen meşgullanýan hem bolsa, soňky ýyllarda jahankeşdeleriň artmagy bilen syýahatçylyk pudagynda işleýänleriň sany hem artdy.

**Santa Kruz**

Kolumbiýanyň Karib deňziniň kenarynda ýerleşýän Santa Kruz dünýäniň gür ilatly adasy hasaplanýar. Bu ýerde takmynan 90 öý bolup, 1 gektar töweregi meýdanda 1 müň 200 töweregi adam bar. Ilaty goňşy Mukura adasynda futbol oýnaýan Santa Kruzdaky ýeke-täk meýdança tennis meýdançasynyň ýarysyna deňdir.



## MANHETTEN

**Manhetten Nýu-Ýorkuň bäş etrabynyň biridir. Manhetten aslynda şäher adasy bolup, Nýu-Ýorkdaky iň meşhur attraksionlaryň köpüsini öz içine alýar. Dünýäniň iri işewürlik merkezleriniň ýerleşýän ýeri bolan «Manhetten» sözi «köp depeleriň adasy» diýmegi aňladýan «Lenape» sözünden emele gelipdir. 1625-nji ýylda niderlandlar Nýu-Ýork şäheriniň döremegini alamatlandyrýan Manhetten adasynda gala gurupdyrlar. Häzirki wagtda Manhetten adasy dünýäniň iň gür ilatly ýerleriniň biri bolup, 2008-nji ýylky hasabata görä, 59,47 kwadrat kilometr meýdanda 1 million 634 müň 795 adam ýaşaýar.**

# Guşlaryň täsin dünýäsi



Kindiwanja laçyn (Microhierax fringillarius)

**Ýyrtyjy guşlaryň iň kiçisi.** Ýyrtyjy guşlaryň arasynda iň kiçisi günorta-gündogar Aziýada duş gelýän gara aýakly kindiwanja laçyn (Microhierax fringillarius) hasaplanýar. Bu guşuň göwresiniň uzynlygy 5 santimetre, guýrugy bilen bilelikde 14-15 santimetre, agramy bolsa, takmynan, 35 grama barabardyr. Ganatynyň açyklygy 30 santimetr töweregi bolýar. Bu guşlar köplenç 1500 metr belentlikdäki dag gerişlerinde ýaşaýarlar.

- **Özi kiçi, ýoly uzak.** Uzyn çypar kolibriniň (iňlisçe ady «Long Rufous Humingbird») uzynlygy 8-11 santimetr bolýar. Kiçidigine garamazdan bu guşlaryň uçýan aralygy haýran galdyrýar. Göçegçi guşlaryň hataryna girýän bu jandarlar ýylyň belli möwsüminde Alýaska bilen Meksikanyň aralygynda ýaşaýar. Agramy 2-5 gram aralygynda bolýan bu guşlar 3 müň 2 ýüz kilometr uzaga göçýärler. Kolibriniň bu görnüşi şonçarak ýoly yzyna hem uçmaly bolýar.
- **Iň hüşgär jandar.** Zoologlar öý haýwanlarynyň ýoldan geçen wagty hüşgärligini barlamak üçin synag geçiripdirler. Synagyň netijesine görä, jandarlaryň arasynda iň hüşgäri gazdyr. Bu jandarlar ýoly kesip geçenlerinde, awtoulaglardan örän seresap bolýarlar. Pişik, towuk we it hem bu babatda hüşgärligi bilen tapawutlanýar.
- **Uzak ýaşaýan guşlar.** Guşlaryň birnäçe görnüşi, esasan hem, uly guşlar uzak ýaşaýarlar. Meselem, bürgütler, gajarlar we totular 50-70 ýyl ýaşaýarlar. Guşlaryň ömrüniň ortaça dowamlylygy: çarlak 36, ördek, gaz we guw 23, uzynganat 21, daşdeşen bolsa 12 ýyl ýaşaýar.
- **Iň kiçi ýumurtga.** Ýamaýkada ýaşaýan kindiwanja kolibriniň («Mellisuga minima») ýumurtgasy iň kiçi ýumurtga hasaplanýar. Bu guşuň ýumurtgasynyň uzynlygy 1 santimetre, agramy bolsa 0,365 grama barabardyr.
- **Iň uly ýumurtga.** Afrika düýeguşunyň ýumurtgasynyň uzynlygy 15-20 santimetre, diametri 10-15 santimetre, agramy bolsa 1-1,70 kilograma barabardyr. Gabygynyň galyňlygynyň 1,5 millimetre deňdigine garamazdan, ol adamyň agramyny götermäge ukyplydyr.
- **Iň çalt uçýan guş.** Algyrlar iň ýyndam ýyrtyjy guşlaryň biri hasaplanýar. Awuny tutjak bolanda ýokardan aşak inýän algyryň («Peregrine falcon») tizligi sagatda 390 kilometre ýetýär.
- **Iň ýyndamy.** Guşlaryň arasynda iň ýyndamy Afrika düýeguşudyr. Göwresiniň agyrlygyna garamazdan, olar sagatda 72 kilometr tizlik bilen ylgap bilýärler.

# ÇAGALAR

Ýabany durmuşy goramagyň bütindünýä gaznasynyň maglumatlaryna görä dünýäde 31 müň töweregi ak aýy bar.

## Aýylar sowukda üşemeýärmikä?



Ak aýylar Demirgazyk polýusa golaý ýerlerde ýaşaýarlar. Gar we buzluk bilen örtülen ýerde ýaşaýan bu jandarlar adatça deňiz jandarlary bilen iýmitlenýärler. Gar ýagan wagty daşaryk çykanymyzda birbada gözümiz gamaşýar. Hemişe diýen ýaly garly ýerde ýaşaýan aýylaryň gözünde ultramelewşe şöhleden goraýan goşmaça göz gabagy bolýar. Beýleki jandarlar ýaly ak aýylar hem öz aralarynda habarlaşýarlar. Ak aýy başga bir aýynyň aýak yzyndan onuň näçeräk wagt ozal geçip gidendigini anyklap bilýär. Demirgazyk polýusyň iň iri jandarlarynyň biri bolan bu aýylar diňe gury ýerde däl, eýsem, suwda hem aw edýärler. Ökde ýüzüji hasaplanýan ak aýylar suwuň astyndan balyk, düwlen we beýleki jandarlary tutýarlar.

Ýaňy dünýä inen aýynyň çagasynyň hiç hili tüýi bolmaýar. Şeýle ýagdaýda olar hinde ýaşaýar. Ak aýynyň ýaşaýan ýerinde daşardaky howanyň temperaturasy 40 dereje töweregi sowuk bolýar, hininiň içi bolsa 2-3 dereje ýyly bolýar. Aýylar 2,5 ýaşandan soňra özbaşdak aw edip başlaýarlar.

Ak aýylar suw içmeýärler. Olaryň bedenindäki ýag erän wagty suw himiki birleşmesini, ýagny $H_2O$ emele getirýär.

Aýylar ýylyň belli döwründe buzuň üstünde ýa-da suwda ýüzüp, uzak aralyga gitmeli bolýarlar. Häzire çenli bu ugurdaky rekord 687 kilometre deň. Bilermenler 2008-nji ýylda Kanadanyň demirgazygyndaky Boforta deňzinde bir aýynyň on güne golaý yzygiderli ýüzendigini anykladylar. Bu barada 2011-nji ýylda «Polar Biology» žurnalynda ylmy makala çap edildi.

Täsin ýeri aýylar buz bölekleri bilen doly suwda ýüzenlerinde hiç hili üşemeýärler we olaryň tüýi ezilmeýär. Sebäbi, ak aýylaryň derisiniň aşagynda galyň ýag gatlagy hem-de iki gatly possuny bolýar.

Aýylaryň sekiz görnüşi bolýar - goňur aýy, ak aýy, Aziýa gara aýysy, amerikan gara aýysy, malaýa aýysy, ýalta aýy, «äýnekli» aýy (Remarctos ornatus) we panda.

## Buzda taýmak üçin tebigy meýdança

**Gyş pasly käbir ýurtlarda has sowuk bolýar. Sowukda derýalar, köller we ýaplar doňýar. Adamlar doňan derýalarda buzy deşip, onuň aşagyndan balyk tutýarlar. Buzuň üsti bolsa, taýmak üçin amatly bolýar. Kanadanyň paýtagty Ottawa şäherinden geçýän Rido kanaly hem gyş paslynda oýun meýdançasyna öwrülýär. 1832-nji ýylda gurlan 202 kilometrlik suw desgasy ýurduň paýtagty bilen Kingston şäherlerini birikdirýär. Kanal döredilenden soňra onuň kenarynda iri şäher emele gelipdir. Kanalyň suwy Ontario kölüne guýýar. Onuň köle guýýan ýerinde 12 metrlik şaglawuk emele gelýär. Tomsuna kanalda ýolagçy we gezelenç gämilerini görmek bolýar. Gyşyna has sowuk bolýan bu şäherde kanalyň suwy hem doňýar. Şeýle bolansoň, şäheriň eteginde kanalyň Dous kölüne birigýän ýerinde 7,8 kilometrlik buz meýdançasy emele gelýär. Şäheriň ýaşaýjylary umumy meýdany 90 hokkeý meýdançasyna barabar bolan bu ýerde taýyp oýnaýarlar. Her ýylda bu ýerde gyş festiwaly hem geçirilýär. Festiwalyň çäklerinde dürli ýaryşlar guralýar, aýdym-saz çykyşlary bolýar. Şeýle hem heýkeltaraşlar buzdan we gardan dürli şekilleri ýasaýarlar. Kanal 2007-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilýär.**

**Mähriban çagalar! Doňan derýadyr ýaplardaky buzuň üstünde ýöremegiň howpludygyny ýadyňyzdan çykarmaň! Şeýle ýagdaýda ýuka buz gatlagynyň döwülmegi mümkin.**



## Kim, haçan oýlap tapdy?

**KIR ÝUWUJY MAŞYN.** Oýlanyp tapylan dürli enjamlaryň käbiri wagtyň geçmegi bilen öz möwritini tamamlaýan bolsa, käbiri hiç haçan ulanyşdan galmaýar. Gündelik durmuşda ulanylýandygy üçin hemişe gerek bolýan bu enjamlar diňe kämilleşmek arkaly barlygyny dowam etdirýär. Kir ýuwujy enjam hem şeýle oýlap tapyşlaryň biridir. Ilkibaşdaky görnüşi häzirkilerden tapawutly hem bolsa, ol adamlaryň gündelik işini ep-esli ýeňilleşdirýär. El bilen kir ýuwmak hem köp wagtyňy alýar, hem-de güýç-kuwwat talap edýär. Bu kyn işiň aňsat ýoluny tapan ilkinji adamlaryň biri Henri Sidgýerdir. Londonly inžener 1782-nji ýylda elde aýlamak arkaly işleýän ilkinji kir maşyny oýlap tapýar. Onuň oýlap tapan ýönekeý enjamy kiçiräk çelegiň içindäki aýlanýan çarhdan ybarat bolupdyr. Inžener tagtadan ýasan bu enjamyndan soňra eşikleri arassalamak üçin çotga hem bejeripdir. Bularyň ikisi



hem el güýjüni talap edipdir. Eşikler ýuwlandan soňra ony elde sykmaly hem bolupdyr. Elektrik energiýasy oýlanyp tapylandan soňra has kämil kir maşyn oýlanyp tapylypdyr. 1906-njy ýylda Alwa Fişer elektrik energiýasy bilen işleýän ilkinji kir maşyny oýlap tapýar. Fişer bu oýlap tapyşyna «Thor» diýip at beripdir. Bu enjam söwda maksatly satuwa çykarylan ilkinji kir ýuwujy maşyn bolýar. Eşigi azda-kände sykýan ilkinji maşyn 1930-njy ýyllarda peýda bolýar. Bu maşynda ýuwlan eşikler iki sany silindriň arasyndan geçirilip sykylýan eken. 1937-nji ýylda awtomatlaşdyrylan kir maşyn oýlanyp tapylýar. Şeýle-de bolsa, bu enjamlaryň köpçülikleýin satylmagy 1980-nji ýyllarda artyp başlaýar. Bu enjamlar eşigi mazaly sykýan, eşigiň materialyna görä, dürlüçe ýuwýan awtomatlaşdyrylan ulgamy bilen tapawutlanýar. Ýylsaýyn döwrebaplaşýan bu maşynlar has-da kämilleşdirilip, suwy, elektrik energiýasyny az talap edýän görnüşleri hem peýda bolýar.



### ZEHIN SOWALY 1

- Suratdaky bir bulgur suwuň ýerini üýtgedip, doly we boş bulgurlary başaşa ýerleşdirip bilermisiňiz?



### Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 4 | 3 | |
| 5 | 3 | 4 | | | 6 |
| | | | | 6 | 3 |
| 3 | 1 | | | | 2 |
| | 4 | 3 | | 5 | |
| 1 | | | 3 | | |

### Labirint



### San diňi




| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| T | Ü | A | G | U | R | Ç | U | K | M |
| I | Z | F | Ý | Ç | A | G | Ä | M | J |
| K | E | B | E | L | E | K | T | K | S |
| I | Ň | A | Y | A | L | A | A | E | K |
| N | M | G | S | K | A | T | A | N | O |
| Ç | Y | Ü | M | Ň | G | Ö | P | G | Ä |
| I | B | N | P | H | Ü | W | I | U | Ý |
| Z | Ä | Ý | A | G | P | Ç | A | R | Ö |
| M | D | E | P | D | E | R | L | U | Ç |



# 2022 GARAŞYLÝAN FILMLER

**Soňky iki ýylda dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar sebäpli ähli ugurlarda bolşy ýaly, medeniýet-sungat ulgamynda hem ozaldan gelýän ýörelgeler azda-kände togtadylmaly boldy. Birnäçe filmleriň surata düşüriliş işleri, şol sanda görkeziljek wagtlary bialaç soňa goýuldy. Geçirilýän çärelere çäklendirmeler girizildi. Geçen 2021-nji ýylda edil ozalkylar ýaly bolmasa-da, kinolaryň kinoteatrlarda, şol sanda «streaming» platformalarynda görkezilmegi dowam etdi. Sanlyja gün öň gadam basylan täze ýylda, ýagny 2022-nji ýylda hem ýüzlerçe film muşdaklaryň dykgatyna ýetiriler. Şolaryň käbirleri tomaşaçylar tarapyndan sabyrsyzlyk bilen garaşylýan kinolardyr.**



### 13 ÝYLDAN SOŇ IKINJI FILMI GÖRKEZILER

Şu ýylyň iň esasy garaşylýan kinosy gürrüňsiz **«Avatar»** filminiň ikinji bölümi bolup, muşdaklar bu ekran eserine 2009-njy ýyldan bäri garaşyp gelýärler. Ilki surata düşüriliş işleri, soňra görkeziljek wagty 2-3 gezek süýşürilen «Avatar 2» filmi şu ýylyň 16-njy dekabrynda ekranlara çykar. Oskarly ussat režissýor Jeýms Kameronyň bu filminde Sem Wortington, Zou Saldana, Stefen Lang, Jowanni Ribisi, Win Dizel, Keýt Winslet, Mişell Ýeo, Sigorni Wiwer ýaly artistler dürli keşpleri ýerine ýetirýär. Filmiň býujetiniň 250 million dollardygy habar berildi.

### «DC COMICS» HEM-DE «MARVEL»

Bu ýylyň dowamynda «super» gahryman filmleriniň iki uly öndürijisi «DC Comics» bilen «Marvel»-iň umumylykda 10-a golaý filmi ekranlara çykar.



Ýylyň garaşylýan iň esasy kinolarynyň ýene biri-de «DC Comics»-iň önümi **«The Batman»** filmi bolup, ussat režissýor Mett Riwesiň surata düşüren kinosynda baş keşbi Robert Pattinson janlandyrýar. Şol sanda Zou Krawits, Pol Dano, Jeffri Raýt, Jon Turturo, Piter Sarsgard, Endi Serkis dagy beýleki keşpleri ýerine ýetirýär. Kino sungatynyň söýgüli



gahrymanynyň aňtawçylyk hereketlerine ünsi jemleýän filmde The Riddler, Penguin, Catwoman ýaly beýleki gahrymanlar hem öňe çykarylýar. «DC Comics»-iň ýene bir filmi, täze kinosy **«Black Adam»** filminde baş keşbi Dweýn Jonson janlandyrýar. Žaume Kolet-Serranyň režissýorlygyndaky film 29-njy iýulda halk köpçüligine ýetiriler. Studiýanyň ýene bir ekran eseri **«The Flash»** filmi bolup, ol 4-nji noýabrda görkeziler. Endi Muşiettiniň režissýorlyk eden filminde Ezra Miller, Ron Liwingston, Maýkl Kiton, Maýkl Şennon ýaly artistler surata düşdi. Kinokompaniýanyň ýene bir iri taslamasy **«Aquaman and the Lost Kingdom»** ýylyň soňky «DC Comics» kinosy bolar. Akwameniň keşbinde Jeýson Momoanyň çykyş edýän filminiň režissýory Jeýms Wan. Film dekabryň 22-sine kinoteatrlara ýaýradylar. Şeýle-de, «DC Comics»-iň entek wagty mälim edilmedik **«Batgirl»** filminiň hem şu ýylyň dowamynda ekranlara çykmagyna garaşylýar.





Şu ýylyň dowamynda «DC Comics»-iň esasy bäsdeşi «Marvel»-iň 3 kinosy peýda bolar. «Marvel» kinematografik dünýäsiniň 4-nji döwrüniň kinolarynyň iň esasysy Doktor Streýnjiň ikinji kinosy bolar. Täze döwrüň lideri hasaplanýan, has takygy, Demir adamyň ornuna geçmegine garaşylýan Doktor Streýnjiň ikinji kinosy **«Doctor Strange in the Multiverse of Madness»** diýlip atlandyrylýar we ýylyň sabyrsyzlyk bilen garaşylýan filmi 6-njy maýda ekranlara çykarylar. «Marvel»-iň beýleki iki kinosy-da ozalkylaryň dowamy bolup, olar 8-nji iýulda görkezilip başlanjak **«Thor: Love and Thunder»** hem-de 11-nji noýabrda kinoteatrlara ýaýradyljak **«Black Panther: Wakanda Forever»** filmleridir. «Marvel» bilen «Columbia Pictures»-iň bilelikdäki önümi bolan **«Morbius»** filmini hem bu sanawa goşup bileris. Jared Letonyň baş keşpde çykyş edýän kinosynyň 1-nji aprelde görkezilip başlanjakdygy habar berildi.



### BEÝLEKILER

«Harry Potter» filmlerindäki wakalardan 100 ýyl mundan ozal bolup geçen hadysalary gürrüň berýän «Täsin jandarlar» kinolarynyň nobatdakysy Dewid Ýeýtesiň režissýorlygyndaky **«Fantastic Beasts: The Secrets of Dumbledore»** filmi 15-nji aprelde görkeziler. Şeýle-de, «Ýura eýýamynyň seýilgähi» (Jurassic Park) filmleriniň dowamy bolan **«Jurassic World Dominion»** kinosyna-da muşdaklar sabyrsyzlyk bilen garaşýar. Kolin Treworrowyň režissýorlyk eden kinosynda Kris Pratt bilen Bris Dallas Howard ýene-de baş keşpleri ýerine ýetirýär. Film 10-njy iýundan başlap tomaşaçylaryň dykgatyna ýetiriler.





«Hollywood»-yň meşhur aktýory Tom Kruzuň täze iki filmi – **«Top Gun: Maverick»** hem-de **«Mission: Impossible 7»** kinolarydyr. Iki film hem aktýoryň ozal surata düşen kinolarynyň dowamy bolup, 27-nji maýda görkezilip başlanjak **«Top Gun: Maverick»** filmi birinjisinden 26 ýyl soň ekranlara çykýar. Sentýabr aýynda görkeziljek «Ýerine ýetirip bolmajak tabşyryk» filminiň ýedinjisinde Tom Kruz ýene-de uruşly wakalary başdan geçirer. Gorkunç filmleriň özboluşly görnüşi bolan **«Scream» («Gykylyk»)** kinolarynyň 5-nji bölümi geljek hepdäniň anna gününden başlap prokatlara ýaýradylar.

Görkeziljek wagty 2 gezek soňa süýşürilen Agata Kristiniň meşhur adybir eseri esasynda döredilen **«Death On the Nile»** filminde baş keşpleri, şol sanda režissýory hem bolan Kennet Brana, şeýle-de, Anette Bening, Rassel Brand, Gal Gadot, Armi Hammer dagy janlandyrýarlar. Film 11-nji fewralda kinoteatrlarda görkeziler.





Wikingleriň taryhy dessany baradaky **«The Northman»** kinosy-da ýylyň garaşylýan filmi bolup, 22-nji aprelde ekranlara çykjak kinony Robert Eggers surata düşürdi. Filmde Aleksander Skarsgard, Nikol Kidman, Anýa Teýlor-Joý, Itan Hawke, Býork, Willem Dafo ýaly belli artistler dürli keşpleri ýerine ýetirdi. Kino sungatynyň ägirtlerinden Stiwen Spilbergiň režissýorlygyndaky **«The Fabelmas»** awtobiografik görnüşli filminde Mişel Williams, Set Rojen, Pol Dano dagy çykyş edip, filmiň 23-nji noýabrda görkezilmegine garaşylýar.

Ýaş režissýor Damien Şazelliň täze kinosy **«Babylon»** filminde «Hollywood»-yň belli ýyldyzlary – Bred Pitt, Margo Robbi, Katerin Woterson, Samara Wiwing, Oliwiýa Waýld dagy surata düşýär. Film ýylyň ahyrynda ekranlara çykarylar. Belli režissýor Baz Lurmanyň ýyldyz aýdymçy Elwis Presliniň durmuşy barada söhbet açýan we baş keşbinde Tom Henksiň surata düşen **«Elvis»** filmi (24-nji iýunda), Tom Holland bilen Mark Wolbergiň baş keşplerde çykyş eden **«Uncharted»** kinosy (18-nji fewralda), Çanning Tatum, Sandra Bullok, Daniel Redkliff ýaly artistleriň keşp janlandyran başdangeçirme filmi **«The Lost City»** (25-nji martda), Bred Pitt, Joýi King, Aaron Teýlor-Jonson, Maýkl Şennon, Logan Lerman, Sandra Bullok ýaly ýyldyzlary özünde jemleýän uruşly triller **«Bullet Train»** (15-nji iýulda), Julia Roberts bilen Jorj Kluniniň baş keşplerde surata düşýän **«Ticket to Paradise»** romantik komediýasy (21-nji oktýabrda), Keýt Blanşett, Nina Hoss, Mark Strong dagynyň çykyş edýän **TAR** filmi (7-nji oktýabrda), soňky ýyllarda režissýorlyga ädim äden Oliwiýa Waýldyň psihologik trilleri **«Don't Worry Darling»** (23-nji sentýabrda), gorkunç görnüşdäki filmleriň ussady, ýaş režissýor Jordan Pileniň täze kinosy **«Nope»** (22-nji iýulda) , Roland Emmerihiň **«Moonfall»** (4-nji fewralda), Wiggo Mortenseniň baş keşpde surata düşen **«Thirteen Lives»** filmi (15-nji aprelde) garaşylýan beýleki kinolardyr.

### ANIMASIÝALAR

Animasiýalara ser salsak, diňe bir körpejeleri däl, eýsem, ululary hem özüne bendi edýän multfilmleriň birnäçesiniň ekranlara çykmagyna garaşylýar. Pudagyň iň esasy öndürijisi «Pixar»-yň 2 multfilmi ýylyň garaşylýan animasiýalaryndandyr.



**«Turning Red».** Domi Şi tarapyndan surata düşürilen «Pixar»-yň bu animasiýasynda tolgunanda ullakan gyzyl panda öwrülýän 13 ýaşly Mei Liniň başdan geçirmesi barada gürrüň berilýär. 11-nji martdan başlap ýaýradyljak animasiýanyň gahrymanlaryna Sandra O, Rosali Çian, Maitreýi Ramakrişnan, Awa Morse ýaly artistler ses berýär.



**«Lightyear».** «Pixar»-yň beýleki multfilmi bolsa «Lightyear» diýlip atlandyrylýar. «Oýnawaçlaryň hekaýasy» multfilmlerindäki Bazz Laýtýer robotyň özbaşdak başdangeçirmesi bolan ekran eserine Angus MakLeýn režissýorlyk edip, onuň ssenarisini Pit Dokter ýazdy. Kris Ewans hem-de Taika Waititiniň ses beren animasiýasy 17-nji iýunda ekranlara çykar.



**«Minions: The Rise of Gru».** Körpeleriň söýgüli gahrymanlary – Minionlaryň täze başdangeçirmesi «Minionlar: Grunuň ösüşi» diýlip atlandyrylýar we oňa birinji bölümi hem surata düşüren Kaýl Balda režissýorlyk edýär. Maksatlaryna ýetmek üçin Gru bilen bilelikde hereket edýän Stuart, Kewin hem-de Bobuň täze başdangeçirmesi 1-nji iýuldan başlap ekranlara goýberiler.



**«Puss in Boots: The Last Wish».** «Şrek» animasiýalarynyň özüne maýyl ediji ädiklije pişijeginiň ikinji multfilmi-de birinji bölümden 11 ýyl soň kinoteatrlara çykar. Kris Milleriň režissýorlygyndaky animasiýanyň baş gahrymanyna Antonio Banderas ses berer.



**«The Ice Age Adventures of Buck Wild».** «Buz eýýamy» animasiýalar toplumynyň «spin-off»-y bolan «The Ice Age Adventures of Buck Wild» multfilminde baş gahryman hökmünde 3-nji bölümde ýüze çykan gaharjaň Bakminster Bak çykyş edýär. Ýagny bu gezekki multfilm ne Sid, ne-de gaplaň Diego, ne-de mamont Menni barada bolar. 28-nji ýanwardan başlap, kinoteatrlara ýaýradyljak multfilme Jon Si. Donkin režissýorlyk etdi.

**«Hotel Transylvania: Transformania».** Mundan ozal 3 bölümi ekranlara çykan «Transilwaniýa myhmanhanasy» multfilminiň dördünjisi geljek hepdäniň anna güni kinoteatrlarda peýda bolar. Jennifer Kluska bilen Derek Draýmonyň bilelikde režissýorlyk eden animasiýasynda ýene-de Selena Gomes, Endi Samberg, Ketrin Han, Stiw Buşemi dagy ses bermäge gatnaşdylar.

**«DC League of Super-Pets».** Maý aýynyň 20-sine kinoteatrlarda görkezilip başlanjak super gahrymanlaryň öý haýwanlarynyň arasyndaky başdangeçirme multfilmine Jared Stern režissýorlyk edýär. Animasiýanyň baş gahrymanlaryna Dweýn Jonson hem-de Kewin Hart ses berdi.

**«Spider-Man: Across the Spider-Verse (Part One)».** Mundan 4 ýyl ozal ekranlara çykan we köpleriň uly söýgüsini gazanan «Möý adam: möý äleminde» animasiýasynyň dowamy bolan bu multfilmi 3 režissýor (Hoakim Dos Santos, Kemp Powers, Jastin K. Tompson) surata düşürdi. 7-nji oktýabrda prokatlara ýaýradyljak multfilmde Oskar Aýzaak, Şameik Mur, Haili Steinfeld dagy esasy gahrymanlara ses berdiler.



● **DIKLIGINE:** **1.** Amyderýanyň gadymy ady. **2.** Aýry-aýry hojalyklaryň goýundyr-geçileriniň toplanyp bakylýan sürüsi. **3.** Ýüňden edilýän öý düşegi. **4.** Tapylmasy kyn, del. **5.** Himiki elementleriň birleşmesi. **6.** Belli kompaniýalar tarapyndan öndürilýän aňrybaş önüm. **7.** Boý, kamat, syrat. **8.** Güýçsüz, başarnyksyz, biçäre. **11.** Şaý-sepleriň aýry-aýry bölekleriniň arasyny birikdirýän halkajyklar. **12.** Kakaň kakasy. **14.** Ýaşamak üçin ýer, öý. **16.** Toplanan pul, maýa, birneme gor. **20.** Saglygy gowy, sagdyn. **22.** «Sabyrly ... aşa ýeter» (nakyl). **24.** «Bir gün ýaşasaň-da ... ýaşa» (B.Seýtäkow). **26.** Garry, gartaşan, uly aýal. **28.** Ýyrtyjy jandar. **30.** «... yzlasaň, ýola barar, ýoly yzlasaň-ile» (nakyl). **32.** Täze doglan çaganyň gulagyna okalýan doga.

● **KESELIGINE:** **1.** Adama mahsus bolan belent, gowy gylyk-häsiýet. **4.** «Arkaly ... geplär, arkasyz çala» (nakyl). **6.** Ygtybarly, mäkäm. **8.** Aýdymy-sazy kagyz ýüzüne geçirmek üçin ulanylýan şertli belgi. **9.** Görüm-.... **10.** San. **12.** Ýylkyban, at idediji, ata seredýän. **13.** Mähriban ynsan. **15.** Aýdymda çaga sesi. **17.** Uçar kysymy. **18.** Söýgülik derejesiniň goşulmasy. **19.** Ýolagçy gatnatmak üçin niýetlenen köp orunly ulag. **21.** Eliň iç ýüzi. **22.** Düýe çökende yzky aýaklarynyň ýere degýän gaty ýeri. **23.** Hat, ýazgy. **25.** Hytaý ýarym adasynyň administratiw döwleti. **27.** Gyza dakylýan at. **29.** Geçi, düýe, sygyr ýaly mallardan alynýan çig mal önümi. **31.** Aw iti. **33.** Saz guraly.

## 1-nji KROSSWORD

**Begaly ÖWLÜÝAGULYÝEW,** *Ahal welaýatynyň Kaka etrap medeniýet bölüminiň Medeniýet merkeziniň direktory.*




## 1-nji SKANWORD

**Atajan DÖWLETOW,** *Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

65-nji krosswordyň jogaby:










**Ýewropada tapgyryň esasy duşuşyklary:**

7-nji ýanwar: Bawariýa – Borussiýa M (00:30); 8-nji ýanwar: Baýer – Union Berlin (19:30), Aýntraht – Borussiýa D (22:30), Real Madrid – Walensiýa (01:00);
9-njy ýanwar: Nant – Monako (21:05), Roma – Ýuwentus (22:30), Lion – PSŽ (00:45), Inter – Lasio (00:45), Wilýarreal – Atletiko (01:00);
10-njy ýanwar: M. Ýunaýted – A. Willa (00:55); 11-nji ýanwar: Ewerton – Lester (01:00); 12-nji ýanwar: Tottenham – Çelsi (00:45), Barselona – Real Madrid (00:00)

Iň köp kubok gazananlar (1) — milli ýygyndylar

# Braziliýa bilen Argentinanyň ýygyndylary öňdeligi eýeleýär

Dünýäde millionlarça ynsany özüne bendi edýän futbol oýnunda kubok gazanmak möhümdir. Başlanan islendik ýaryşyň netijesinde öňe saýlanan topara kubok ýa-da medal gowşurylýar. Şol kuboklaryň ählisiniň-de öz gymmaty bolup, olaryň abraýlysy megerem, milli ýygyndylaryň arasyndaky ýaryşlaryň kuboklary bolsa gerek. Milli ýygyndylaryň arasynda o diýen köp bäsleşik bolman, bolanlary-da ýygy-ýygydan geçirilmeýär. Şol nukdaýnazardan milli ýygyndylaryň arasynda gazanylan kuboklaryň sany onçakly köp däl. Milli ýygyndylaryň arasyndaky ýaryşlara ser salanymyzda, iň ulusy gürrüňsiz, häzirlikçe, her dört ýyldan bir gezek guralýan Dünýä Kubogy ýaryşydyr. Häzirlikçe diýmegimiziň esasy sebäbi-de şu günlerde FIFA ony iki ýyldan bir guramak üçin jan aýaman göreşýär.

Dünýäde iň köp kubok gazanan ýygyndy Braziliýanyň erkekler futbol milli ýygyndysydyr. 5 gezek Dünýä Kubogyny eýeläp, bu ugurda rekordyň eýesi bolan sambaçylar yklym ýaryşynda-da 9 gezek çempionlyga ýetdiler. Şeýle-de, olaryň FIFA Konfederasiýa Kubogy ýaryşynda-da 4 çempionlygy bar. Häzirki wagtda geçirilýän ýaryşlary göz öňünde tutanyňda, Braziliýanyň jemi 18 halkara kubogy bar. Olaryň hataryna 1952–1960-njy ýyllar aralygynda diňe 3 gezek geçirilen Panamerikan çempionaty ýaryşynda gazanylan 2 çempionlygyda goşsak, sambaçylaryň jemi 20 kubogy bar.

Edil şonuň ýaly-da, Braziliýanyň esasy bäsdeşi, köne garşydaşy Argentinanyň ýygyndysynyň hem 18 halkara kubogy bolup, tangoçylar Dünýä Kubogynda 2, yklym ýaryşy Kopa Amerikada 15, şeýle-de FIFA Konfederasiýa Kubogynda 1 gezek çempionlyk gazandylar. Argentinanyň ýygyndysy diňe 2 gezek guralan, soňlugy bilen, FIFA Konfederasiýa Kubogy ýaryşyna gözbaş bolan Interkontinental Kubogy (Artemio Franki Kubogy) bäsleşiginde, şol sanda Panamerikan çempionaty ýaryşynda-da 1 sapar ýeňiji boldy. Ýagny Argentinanyň hem 20 kubogy bar.

Sanawda 3-nji orny başga bir Günorta Amerika ýurdy Urugwaýyň milli ýygyndysy eýeleýär. Urugwaýyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda 2 hem-de Kopa Amerikada 15 çempionlyk gazandy. Yklymyň kiçijek ýurdunyň jemi 17 kubogy bar.

4-nji basgançakda Meksikanyň ýygyndysy bolup, Demirgazyk Amerikanyň wekili şu wagta çenli 12 kubok gazandy. Meksikanlar Dünýä Kubogyny iki gezek özlerinde gurasalar hem olara çempionlyk gazanmak başartmady. Olar Demirgazyk Amerikanyň çempionaty bolan KONKAKAF Altyn Kubok bäsleşiginde 11, şeýle-de FIFA Konfederasiýa Kubogy ýaryşynda 1 gezek ýeňiş gazandy.

Bulardan başga-da, Meksikanyň ýygyndysy uly bolmadyk, sebitleýin we belli bir döwürde guralan ýaryşlarda-da kuboga mynasyp boldy. Mysal üçin, dört gezek geçirilen Demirgazyk Amerika Milletler Kubogy hem-de diňe bir sapar guralan KONKAKAF Kubogy ýaryşlarynda 1 çempionlyk gazandylar. Meksikanyň ýygyndysynyň «Marlboro» Kubogy (1 çempionlyk), «US Cup» (3 çempionlyk) ýaly belli bir döwürde guralan kiçeňräk bäsleşiklerde-de çempionlyklary bar.




Sanawyň öňdäki orunlarynda Günorta we Demirgazyk Amerikanyň wekilleriniň bolmagynyň iň esasy sebäbi bu ýerlerde yklym ýaryşy ýygy-ýygydan geçirilýär. Milli ýygyndylaryň arasyndaky dünýäniň iň gadymy bäsleşigi hasaplanýan Kopa Amerika çempionaty 1916-njy ýyldan gözbaş alyp gaýdýar. 47 gezek geçirilen ýaryş häzirki wagtda 3 ýyldan bir gezek guralýar. Ýöne taryha seretsek, bäsleşigiň bir, iki ýyllyk arakesmeler bilen guralan döwürleri-de az däl.

Milli ýygyndylaryň arasynda iň köp kubok gazanan 5-nji topar Germaniýanyň ýygyndysydyr. Nemesler 4 gezek Dünýä Kubogyny alyp, bu ugurda brazillerden soň ikinji ýeri eýeleýärler. Olaryň yklym ýaryşynda 3, şeýle-de FIFA Konfederasiýa Kubogynda-da 1 çempionlygy bar. Germaniýanyň ýygyndysy jemi 8 kubok gazandy.

Afrikanyň iň öňdebaryjy ýygyndysy Müsüriň milli topary bolup, olar yklym ýaryşynda 7 çempionlyk gazandylar. Bu üstünlik hem olary iň köp kuboklу ýygyndylaryň sanawynda 6-njy orna eltýär. Şonça kubok gazanan ABŞ-nyň ýygyndysy-da yklym ýaryşynda 7 çempionlyk gazanmagy başardy. Edil Meksikanyň ýygyndysy ýaly, ABŞ-nyň ýygyndysynyň hem «Marlboro» Kubogy (2 çempionlyk) hem-de «US Cup» (3 çempionlyk) bäsleşiklerinde-de çempionlygy bar.

Edil Müsürdir ABŞ-nyň ýygyndylary ýaly Fransiýanyň ýygyndysynyň hem 7 kubogy bar. Fransiýanyň ýygyndysy häzirki wagtda dowam edýän 3 uly halkara ýaryşynyň hersinde, ýagny Dünýä Kubogynda, Ýewropa çempionatynda hem-de FIFA Konfederasiýa Kubogynda 2 gezek çempion diýen ady eýeledi. Horozlar bu başarnyklarynyň üstüne şu ýylky UEFA Milletler Ligasynyň kubogyny hem goşmagy başardylar.

Dünýä Kubogyny 4 gezek asmana göteren italýanlar bu babatda Braziliýadyr Germaniýadan soň 3-nji ýerde barýarlar. Yklym ýaryşynda ikinji kubogy üçin ýarym asyrdan gowrak garaşan italýanlar şu ýyl çempion boldular. Umumylykda 6 kubok gazanan Italýanlaryň 1920–30-njy ýyllarda geçirilen Merkezi Ýewropa Halkara Kubogy ýaryşyndan galan 2 çempionlyklarynyň hem bardygyny belläp geçeliň.

Kamerunyň, Awstraliýadyr Täze Zelandiýanyň ýygyndylary-da öz yklym ýaryşlarynda 5 çempionlyk gazanyp, bu sanawa atlaryny ýazdyrdylar. Şolardan Awstraliýanyň ýygyndysy Okeaniýa Milletler Kubogyny 4, Aziýa Konfederasiýasyna goşulanyndan soň Aziýa Kubogynyda 1 gezek eýelemegi başardy.

**Bellik:** bu sanawa Olimpiýa oýunlarynda, Panamerikan oýunlarynda, Aziýa oýunlarynda gazanylan altyn medallar goşulmady.









# Klebonyň 2-nji, Nepryýaýewanyň 1-nji çempionlygy

Dekabr aýynyň ahyrlaryna başlap, ýanwar aýynyň başlaryna tamamlanýan «Tur de Ski» lyža ýaryşynda bu ýyl erkekleriň arasynda norwegiýaly Ýohannes Hýosflot Klebo, zenanlardan russiýaly Natalýa Nepryýaýewa ýeňiji boldy.

Ýohannes Hýosflot Klebo umumylykda 2 sagat 24 minut 56 sekuntlyk görkeziji bilen çykyş edip, 2019-njy ýyldan soň 2-nji çempionlygyny gazandy. Ol soňky 2 ýylyň çempiony russiýaly Aleksandr Bolşunowdan 2 minut 03,2 sekunt öňe saýlandy. Ýaryşda 3-nji ýeri finlýandiýaly Iiwo Niskanen eýeledi. Ýohannes Hýosflot Klebo utuk toplamakda hem birinji orna mynasyp boldy (111 utuk).






Zenanlaryň arasynda russiýaly Natalýa Nepryýaýewa ýeňiş gazanyp, ol 1 sagat 59 minut 38,5 sekuntda pellehana geldi. Ol bu ýaryşda ýeňiji bolan ilkinji russiýaly zenan hökmünde hasaba alyndy. Ýeňijiden 46,7 sekunt yza galan şwesiýaly Ebba Andersson 2-nji, şeýle-de, norwegiýaly Heidi Weng 3-nji ýeri eýeledi. Zenanlaryň arasynda utuk toplamakda 60 utuk jemlän şwesiýaly Ýohanna Hagstrom öňe saýlandy.

«Tur de Ski» ýaryşy ilkinji gezek 2006/07 möwsüminde geçirilip, ol Alp daglarynyň eteginde guralýar.

### PREMIER LEAGUE (21) — 26 gol

**Arsenal—Mançester Siti: 1–2** (Saka 31 — Mahrez 57 p, Rodri 90+3), **Watford—Tottenham: 0–1** (Sançes 90+6), **Kristal Palas—West Ham: 2–3** (Eduar 83, Olise 90+1 — Antonio 22, Lanzini 25, 45+5 p), **Brentford—Aston Willa: 2–1** (Wissa 42, Roerslew 83 — Ings 16), **Lids—Býornli: 3–1** (Harrison 39, Dallas 77, Jeýms 90+2 — Korne 54), **Ewerton—Braýton: 2–3** (Gordon 53, 76 — Mak Allister 3, 71, Bern 21), **Çelsi—Liwerpul: 2–2** (Kowaçiç 42, Pulişiç 45+1 — Mane 9, Salah 26), **Man. Ýunaýted— Wulwerhempton: 0–1** (Moutinio 82), **Lester—Norwiç, Southempton—Nýukasl** (soňa goýuldy)

### LA LIGA (19) — 21 gol

**Walensiýa—Espanýol: 1–2** (Alderete 51 — De Tomas 83 p, Puado 88), **Hetafe—Real Madrid: 1–0** (Enes Ünal 9), **Atletiko—Raýo Wallekano: 2–0** (Anhel Korrea 28, 53), **Elçe—Granada: 0-0, Alawes—Real Sosiedad: 1–1** (Hoselu 58 p — Ýanuzaý 14), **Betis—Selta: 0–2** (Ýago Aspas 36 p, 45+2), **Malýorka—Barselona: 0–1** (Luuk de Ýong 44), **Wilýarreal—Lewante: 5–0** (Dia 8, Pau Torres 13, Žerar Moreno 37, 79, Trigeros 74), **Osasuna—Atletik: 1–3** (Kike Garsiýa 10 — Sanset 16, 25, 68), **Kadiz—Sewilýa: 0–1** (Okampos 58)

ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 21 | 17 | 2 | 2 | 53-13 | 53 |
| 2 | ÇELSI | 21 | 12 | 7 | 2 | 45-16 | 43 |
| 3 | LIWERPUL | 20 | 12 | 6 | 2 | 52-18 | 42 |
| 4 | ARSENAL | 20 | 11 | 2 | 7 | 33-25 | 35 |
| 5 | WEST HAM | 20 | 10 | 4 | 6 | 37-27 | 34 |
| 6 | TOTTENHAM | 18 | 10 | 3 | 5 | 23-20 | 33 |
| 7 | M. ÝUNAÝTED | 19 | 9 | 4 | 6 | 30-27 | 31 |
| 8 | W. HEMPTON | 19 | 8 | 4 | 7 | 14-14 | 28 |
| 9 | BRAÝTON | 19 | 6 | 9 | 4 | 20-20 | 27 |
| 10 | LESTER | 18 | 7 | 4 | 7 | 31-33 | 25 |
| 11 | K. PALAS | 20 | 5 | 8 | 7 | 29-30 | 23 |
| 12 | BRENTFORD | 19 | 6 | 5 | 8 | 23-26 | 23 |
| 13 | ASTON WILLA | 19 | 7 | 1 | 11 | 25-30 | 22 |
| 14 | SOUTHEMPTON | 19 | 4 | 9 | 6 | 20-29 | 21 |
| 15 | EWERTON | 18 | 5 | 4 | 9 | 23-32 | 19 |
| 16 | LIDS | 19 | 4 | 7 | 8 | 21-37 | 19 |
| 17 | WATFORD | 18 | 4 | 1 | 13 | 22-36 | 13 |
| 18 | BÝORNLI | 17 | 1 | 8 | 8 | 16-27 | 11 |
| 19 | NÝUKASL | 19 | 1 | 8 | 10 | 19-42 | 11 |
| 20 | NORWIÇ | 19 | 2 | 4 | 13 | 8-42 | 10 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 16 |
| 2 | Diego ZOTA (Liwerpul) | 10 |
| 3 | Jeými WARDI (Lester) | 9 |
| 4 | Sadio MANE (Liwerpul) | 8 |
| 5 | RAFINÝA (Lids) | 8 |

ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 20 | 14 | 4 | 2 | 41-17 | 46 |
| 2 | SEWILÝA | 19 | 12 | 5 | 2 | 30-13 | 41 |
| 3 | BETIS | 19 | 10 | 3 | 6 | 32-23 | 33 |
| 4 | ATLETIKO | 19 | 9 | 5 | 5 | 31-22 | 32 |
| 5 | BARSELONA | 19 | 8 | 7 | 4 | 30-22 | 31 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 19 | 8 | 6 | 5 | 21-21 | 30 |
| 7 | R. WALLEKANKO | 19 | 9 | 3 | 7 | 26-20 | 30 |
| 8 | WALENSIÝA | 19 | 7 | 7 | 5 | 31-28 | 28 |
| 9 | WILÝARREAL | 19 | 7 | 7 | 5 | 31-20 | 28 |
| 10 | ATLETIK B | 20 | 6 | 9 | 5 | 20-17 | 27 |
| 11 | ESPANÝOL | 19 | 7 | 5 | 7 | 22-22 | 26 |
| 12 | SELTA | 19 | 6 | 5 | 8 | 22-22 | 23 |
| 13 | GRANADA | 19 | 5 | 8 | 6 | 23-26 | 23 |
| 14 | OSASUNA | 19 | 5 | 7 | 7 | 18-25 | 22 |
| 15 | MALÝORKA | 19 | 4 | 8 | 7 | 17-28 | 20 |
| 16 | HETAFE | 19 | 4 | 6 | 9 | 13-20 | 18 |
| 17 | ALAWES | 19 | 4 | 4 | 11 | 16-30 | 16 |
| 18 | ELÇE | 19 | 3 | 7 | 9 | 18-27 | 16 |
| 19 | KADIZ | 19 | 2 | 8 | 9 | 15-32 | 14 |
| 20 | LEWANTE | 19 | 0 | 8 | 11 | 19-41 | 8 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 15 |
| 2 | HUANMI (Betis) | 12 |
| 3 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 10 |
| 4 | HOSELU (Alawes) | 10 |
| 5 | Ýago ASPAS (Selta) | 10 |



# «Mançester Siti» arany açýar

Angliýanyň çempionatynda 21-nji tapgyrda 2 esasy duşuşygyň netijesi «Mançester Sitiniň» peýdasyna tamamlandy. Myhmançylykda «Arsenaly» soňky minutlarda geçiren goly esasynda 2–1 ýeňen «Mançester Siti» kem-kemden arany açýar. Yzlyyzyna 11-nji ýeňşini gazanan «Sitä» ýeňiş getiren gollary Mahrez bilen Rodri derweze girizdi. 2—3-nji ýerlerde barýan «Çelsi» bilen «Liwerpulyň» arasyndaky duşuşyk edil birinji aýlawdaky ýaly 2–2 deňlikde tamamlandy. Geçirilen gollaryň 4-si hem 1-nji ýarymda geçirilip, Mane we Salahyň gollary bilen öňe saýlanan «Liwerpul» soňky 3 minutda 2 gol geçirtdi. Täze tälimçisi Ragnigiň ýolbaşçylygynda ilkinji gezek utulan «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Wulwerhemptondan» 1–0 asgyn geldi. «Ýunaýted» çempionatyň çäginde soňky gezek «Wulwerhemptondan» 1980-nji ýylda utulypdy.

Ispaniýanyň çempionatynda 2-nji aýlawa badalga berlip, 19-njy tapgyrda sanawyň lideri «Real Madrid» myhmançylykda «Hetafeden» 1–0 asgyn geldi. Madrid sebitiniň derbisinde «Hetafe» toparyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 9-njy minutda Enes Ünal geçirdi. Şeýlelikde, «Real Madrid» 2022-nji ýyla ýeňliş bilen başlap, Ançelottiniň şägirtleri şu möwsümde 2-nji gezek utuldy. «Atletiko Madrid» Anhel Korreanyň gollary bilen «Raýo Wallekanony» 2–0 ýeňdi. Şeýle-de, «Barselona» myhmançylykda «Malýorkany» 1–0 hasabynda utdy. Täze ýyla ýeňiş bilen başlan katalonlara 3 utuk gazandyran goly 44-nji minutda Luuk de Ýong öz adyna ýazdyrdy. 3-nji orunda barýan «Betis» öz meýdançasynda «Seltadan» 2–0 ýeňildi.






# ÝYLYŇ SPORT SENENAMASY

Tamamlanan 2021-nji ýylda täk ýyl bolandygyna garamazdan, iri sport çäreleriniň ikisi geçirildi. Aslynda, iri sport çäreleri jübüt ýyllarda geçirilip, dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlar sebäpli 2020-nji ýyldaky tomusky Olimpiýa oýunlary hem-de futbol boýunça Ýewropa çempionaty geçen tomusda guraldy. 2022-nji ýyl bolsa, jübüt ýyl bolup, onda iri sport baýramçylygynyň ikisi öz janköýerlerine garaşýar. Olaryň ilkinjisi ýylyň başynda Hytaýyň paýtagty Pekinde geçiriljek gyşky Olimpiýa oýunlary hem-de ýylyň ahyrynda Katarda geçiriljek futbol boýunça Dünýä Kubogy ýaryşlarydyr. Elbetde, bulardan başga-da, adaty her ýylda dowam edýän sport ýaryşlary, şol sanda geçen ýyldan galan çempionatlar, bäsleşikler 2022-nji ýylyň sport senenamasyny bezär. Ine, şolaryň käbirleri:

| | | |
|---|---|---|
| 2–14-nji ýanwar: | 44-nji Dakar Rallisi | Saud Arabystany |
| 9-njy ýanwar – 6-njy fewral: | 33-nji Afrika Milletler Kubogy futbol ýaryşy | Kamerun |
| 17–30-njy ýanwar: | 110-njy «Awstraliýa Açyk» tennis ýaryşy | Melburn – Awstraliýa |
| 19-njy ýanwar – 6-njy fewral: | Futzal boýunça 12-nji Ýewropa çempionaty | Niderlandlar |
| 3–12-nji fewral: | 18-nji FIFA klublar arasy Dünýä Kubogy ýaryşy | BAE |
| 4–20-nji fewral: | XXIV Gyşky Olimpiýa oýunlary | Pekin – Hytaý |
| 13-nji fewral: | LVI Super Bowl duşuşygy | Kaliforniýa – ABŞ |
| 20-nji fewral: | NBA All Star duşuşygy | Kliwlend – ABŞ |
| 20-nji fewral: | NASKAR-yň 74-nji möwsüminiň ilkinji ýaryşy | Florida – ABŞ |
| 4–13-nji mart: | XIII gyşky Paralampiýa oýunlary | Pekin – Hytaý |
| 4-nji mart – 3-nji aprel: | Zenanlaryň arasynda kriket boýunça 12-nji Dünýä Kubogy | Täze Zelandiýa |
| 10–20-nji mart: | Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça VI Aziýa oýunlary | Bangkok, Çonburi –Tailand |
| 18–20-nji mart: | Ýapyk binada ýeňil atletika boýunça Dünýä çempionaty | Belgrad – Serbiýa |
| 20-nji mart: | Formula 1 boýunça 73-nji möwsümiň ilkinji ýaryşy | Bahreýn |
| 21–27-nji mart: | Figuralaýyn typmak boýunça Dünýä çempionaty | Monpelie, Fransiýa |
| 1-nji aprel: | Katar 2022 Dünýä Kubogynyň toparçalarynyň bije çekiliş dabarasy | Doha, Katar |
| 1–3-nji aprel: | Dzýudo boýunça Ýewropa çempionaty | Sofiýa, Bolgariýa |
| 16-njy aprel: | NBA-da pleý-off duşuşyklary | |
| 13–29-njy maý: | Suw sportlary boýunça 19-njy Dünýä çempionaty | Fukuoka, Ýaponiýa |
| 13–29-njy maý: | Hokkeý boýunça 85-nji Dünýä çempionaty | Helsinki, Tampere – Finlýandiýa |
| 28-nji maý: | UEFA Çempionlar Ligasynyň finaly | Sankt-Peterburg – Russiýa |
| 29-njy maý – 11-nji iýun: | 126-njy «Rolan Garros» tennis ýaryşy | Pariž, Fransiýa |
| 1–19-njy iýun: | Ýaşlaryň arasynda (U-23) futbol boýunça Aziýa çempionaty | Daşkent, Özbegistan |
| 11–12-nji iýun: | 90-njy «24 sagat Le Man» awtoulag ýaryşy | Le Man, Fransiýa |
| 27-nji iýun – 10-njy iýul: | 135-nji «Wimbledon» tennis ýaryşy | London, Beýik Britaniýa |
| 1–17-nji iýul: | Zenanlaryň arasynda ot hokkeýi boýunça 15-nji Dünýä Kubogy | Ispaniýa, Niderlandlar |
| 1–24-nji iýul: | 109-njy «Tur de Frans» welosport ýaryşy | Fransiýa |
| 6–31-nji iýul: | Zenanlaryň arasynda futbol boýunça 13-nji Ýewropa çempionaty | Angliýa |
| 15–24-nji iýul: | Ýeňil atletika boýunça 18-nji Dünýä çempionaty | Oregon – ABŞ |
| 7–14-nji awgust: | Dzýudo boýunça Dünýä çempionaty | Daşkent – Özbegistan |
| 9–18-nji awgust: | Yslam raýdaşlyk oýunlary | Konýa – Türkiýe |
| 11–21-nji awgust: | Suw sportlary boýunça Ýewropa çempionaty | Rim – Italiýa |
| 15–21-nji awgust: | Ýeňil atletika boýunça Ýewropa çempionaty | Münhen – Germaniýa |
| 26-njy awgust – 11-nji sentýabr: | Woleýbol boýunça 20-nji Dünýä çempionaty | Russiýa |
| 29-njy awgust – 11-nji sentýabr: | 142-nji «Amerika Açyk» tennis ýaryşy | Nýu Ýork – ABŞ |
| 1–18-nji sentýabr: | Basketbol boýunça 41-nji Ýewropa çempionaty | Çehiýa, Gruziýa, Germaniýa, Italiýa |
| 10–18-nji sentýabr: | Göreş boýunça Dünýä çempionaty | Belgrad – Serbiýa |
| 10–25-nji sentýabr: | XIX Aziýa oýunlary | Hangžou – Hytaý |
| 22-nji sentýabr – 1-nji oktýabr: | Zenanlaryň arasynda basketbol boýunça Dünýä Kubogy | Awstraliýa |
| 23-nji sentýabr – 15-nji oktýabr: | Zenanlaryň arasynda woleýbol boýunça Dünýä çempionaty | Niderlandlar, Polşa |
| 25-nji sentýabr – 20-nji oktýabr: | Futzal boýunça 17-nji Aziýa Kubogy | BAE |
| 2-nji oktýabr: | London marafony | Angliýa |
| 8-nji oktýabr – 21-nji noýabr: | Regbi boýunça 9-njy Dünýä Kubogy | Täze Zelandiýa |
| 9-njy oktýabr: | Çikago marafony | ABŞ |
| 4–20-nji noýabr: | Zenanlaryň arasynda gandbol boýunça Ýewropa çempionaty | Sloweniýa, D. Makedoniýa, Garadag |
| 21-nji noýabr – 18-nji dekabr: | Katar 2022 – futbol boýunça XXII Dünýä Kubogy | Katar |

# 44-nji DAKAR RALLISI





Dünýäniň iň kyn ýaryşlarynyň biri hasaplanýan Dakar Rallisi bu ýyl 44-nji gezek guralýar. 2-nji ýanwarda bat alan ýaryş eýýäm 3-nji gezek Saud Arabystanynda geçirilýär. Ýaryşyň bu ýylky iň esasy aýratynlygy Halkara awtomobil federasiýasy FIA-nyň her ýyl geçirýän Dünýä ralli-reýd çempionatynyň hataryna girizilmegi boldy. Şeýlelikde, Dakar Rallisi ilkinji gezek ralli-reýd derejesi bilen geçirilip, ol möwsümiň 1-nji bäsleşigi hökmünde ykrar edildi. Ralli-reýd ýaryşlarynyň beýleki bäsleşikleri-de Abu Dabide, Gazagystanda, Ispaniýada hem-de Marokkoda geçiriler.

44-nji Dakar Rallisi 12 tapgyrdan ybarat bolup, oňa ýeňil awtoulag sürüjileriniň 92-si, motosiklçileriň 144-si, kwadrosiklçileriň 20-si, ýük ulag sürüjileriniň 56-sy, UTV ulag sürüjileriniň 48-si, SxS görnüşli ulag sürüjileriniň 49-sy, jemi 409 sürüji gatnaşýar. Bulardan başga-da nusgawy ýeňil we ýük ulaglar görnüşi boýunça-da bäsleşik geçirilip, oňa 142 sürüji wekilçilik edýär.

Ýurduň Jidda şäherinden bat alan bäsleşik 14-nji ýanwarda ýene-de şol şäherde tamamlanar. Sürüjiler 12 günläp dowam etjek ýaryşda 8400 kilometrden gowrak ýol geçerler.

Geçirilen ilkinji 4 tapgyryň netijesinde ýeňil awtoulag sürüjileriniň arasynda katarly Nasser Al-Attiýa öňde barýar. «Toyota» kysymly ulagy bilen çykyş edýän Dakar Rallisiniň 3 gezek çempiony 1A, 1B, şol sanda 4-nji tapgyrlarda ýeňiş gazandy. Al-Attiýa 2-nji ýerdäki Sebastian Lýobdan 38 minut 05 sekuntlyk aratapawut bilen öňde barýar.

Motosiklçileriň arasynda entek bir tapgyrda-da ýeňiş gazanyp görmedik britaniýaly Sam Sanderlend («Gas Gas») awstriýaly Mattias Wolknerden 3 minut öňde ýaryşy dowam edýär. Kwadrosiklçileriň bäsleşiginde soňky çempion Manuel Anduhar («Yamaha») şowly başlasa-da, soňlugy bilen depginini gowşatdy. 4 tapgyryň netijesinde 19 sagat 26 minut 41 sekuntlyk netije bilen amerikaly Pablo Kopetti («Yamaha») umumy sanawyň öňüne geçdi.

Ýük ulaglarynyň arasyndaky bäsleşikde Russiýanyň «Kamaz» toparynyň sürüjileri bu ýaryşda-da öňde barýarlar. Çempionlyk ýaryşy «Kamaz» toparynyň 4 ekipažynyň – Dakar Rallisiniň 4 gezek çempiony Eduard Nikolaýewiň, soňky çempiony Dmitriý Sotnikowyň, 2 sapar çempion bolan Andreý Karginowyň hem-de Anton Şibalowyň arasynda geçýär. 4 tapgyryň netijesinde Sotnikow we ekipažy Nikolaýewden 07 minut 10 sekunt, Şibalowdan 24 minut 05 sekunt öňde barýar.

Şeýle-de, UTV (T4) görnüşli ulaglar boýunça amerikaly Ostin Jons, ýeňil prototip ýa-da SxS (T3) görnüşli ulaglaryň sürüjileriniň arasynda-da çilili Françisko Lopes Kontardo birinji orny eýeleýär.

## Bir sözlemde...

NBA-da «Golden Steýt Warriors» toparynyň «Ýuta Jazz» toparyny 123:116 hasap bilen ýeňen duşuşygynda 28 utuk geçiren Stefen Körri yzly-yzyna 158-nji duşuşygynda 3 utuklyk netije görkezip, öz rekordyny täzeledi.

2008-nji ýyldan bäri her ýylyň 1-nji ýanwarynda geçirilýän «NHL Winter Classic» (NHL Gyşky Nusgawy) hokkeý duşuşygynda «Sent-Luis Bluz» topary ýer eýesi «Minnesota Waýld» toparyny 6:4 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi.

Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-iň wekili «Monako» topary täze ýylyň ilkinji gününde wezipesinden boşadylan tälimçisi Niko Kowaçyň ornuna belgiýaly Filip Klemeni tälimçilige belläp, 47 ýaşyndaky hünärmen 2024-nji ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy.

Darts boýunça Londonda geçirilen PDC Dünýä çempionatynda şotlandiýaly Piter Raýt ýeňiş gazanyp, ol finalda angliýaly Maýkl Smiti 7:5 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi we 2020-nji ýyldan soň 2-nji gezek çempion diýen ady eýeledi.

Katarda oýnalan Türkiýäniň Super Kubogy duşuşygynda çempion «Beşiktaş» esasy wagty 1-1 gutaran oýunda ýurduň kubogy ýaryşynyň finalçysy «Antalýaspory» penaltileriň netijesinde 4–2 hasabynda ýeňip, 2006-njy ýyldan soň 2-nji sapar ýeňiji boldy.

Ispaniýanyň «Barselona» topary «Mançester Sitiniň» ispan hüjümçisi Ferran Torresi 55+10 million ýewro transfer edip, 21 ýaşly futbolçy bilen 2027-nji ýyla çenli şertnama baglaşdy.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.




# 2022-nji **MILADY** we 1443 –1444-nji **HIJRI-KAMARY** ýyllarynyň senenamasy

ZAMAN INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

| ÝANWAR | | | | | 4 TIRK.3 – 4 TIRK.4 | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 3 | 30 | 10 | 7 | 17 | 14 | 24 | 21 | 31 | 28 |
| Si | | | 4 | 1 | 11 | 8 | 18 | 15 | 25 | 22 | | |
| Ça | | | 5 | 2 | 12 | 9 | 19 | 16 | 26 | 23 | | |
| Pe | | | 6 | 3 | 13 | 10 | 20 | 17 | 27 | 24 | | |
| An | | | 7 | 4 | 14 | 11 | 21 | 18 | 28 | 25 | | |
| Şe | 1 | 28 | 8 | 5 | 15 | 12 | 22 | 19 | 29 | 26 | | |
| Ýe | 2 | 29 | 9 | 6 | 16 | 13 | 23 | 20 | 30 | 27 | | |

| FEWRAL | | | | | 4 TIRK.4 – REJEP | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 7 | 6 | 14 | 13 | 21 | 20 | 28 | 27 | | |
| Si | 1 | 29 | 8 | 7 | 15 | 14 | 22 | 21 | | | | |
| Ça | 2 | 1 | 9 | 8 | 16 | 15 | 23 | 22 | | | | |
| Pe | 3 | 2 | 10 | 9 | 17 | 16 | 24 | 23 | | | | |
| An | 4 | 3 | 11 | 10 | 18 | 17 | 25 | 24 | | | | |
| Şe | 5 | 4 | 12 | 11 | 19 | 18 | 26 | 25 | | | | |
| Ýe | 6 | 5 | 13 | 12 | 20 | 19 | 27 | 26 | | | | |

| MART | | | | | REJEP – MERET | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 7 | 4 | 14 | 11 | 21 | 18 | 28 | 25 | | |
| Si | 1 | 28 | 8 | 5 | 15 | 12 | 22 | 19 | 29 | 26 | | |
| Ça | 2 | 29 | 9 | 6 | 16 | 13 | 23 | 20 | 30 | 27 | | |
| Pe | 3 | 30 | 10 | 7 | 17 | 14 | 24 | 21 | 31 | 28 | | |
| An | 4 | 1 | 11 | 8 | 18 | 15 | 25 | 22 | | | | |
| Şe | 5 | 2 | 12 | 9 | 19 | 16 | 26 | 23 | | | | |
| Ýe | 6 | 3 | 13 | 10 | 20 | 17 | 27 | 24 | | | | |

| APREL | | | | | MERET – ORAZA | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 4 | 3 | 11 | 10 | 18 | 17 | 25 | 24 | | |
| Si | | | 5 | 4 | 12 | 11 | 19 | 18 | 26 | 25 | | |
| Ça | | | 6 | 5 | 13 | 12 | 20 | 19 | 27 | 26 | | |
| Pe | | | 7 | 6 | 14 | 13 | 21 | 20 | 28 | 27 | | |
| An | 1 | 29 | 8 | 7 | 15 | 14 | 22 | 21 | 29 | 28 | | |
| Şe | 2 | 1 | 9 | 8 | 16 | 15 | 23 | 22 | 30 | 29 | | |
| Ýe | 3 | 2 | 10 | 9 | 17 | 16 | 24 | 23 | | | | |

| MAÝ | | | | | ORAZA – BAÝRAM – BOŞ aý | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 2 | 1 | 9 | 8 | 16 | 15 | 23 | 22 | 30 | 29 |
| Si | | | 3 | 2 | 10 | 9 | 17 | 16 | 24 | 23 | 31 | 1 |
| Ça | | | 4 | 3 | 11 | 10 | 18 | 17 | 25 | 24 | | |
| Pe | | | 5 | 4 | 12 | 11 | 19 | 18 | 26 | 25 | | |
| An | | | 6 | 5 | 13 | 12 | 20 | 19 | 27 | 26 | | |
| Şe | | | 7 | 6 | 14 | 13 | 21 | 20 | 28 | 27 | | |
| Ýe | 1 | 30 | 8 | 7 | 15 | 14 | 22 | 21 | 29 | 28 | | |

| IÝUN | | | | | BOŞ aý – GURBAN | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 6 | 7 | 13 | 14 | 20 | 21 | 27 | 28 | | |
| Si | | | 7 | 8 | 14 | 15 | 21 | 22 | 28 | 29 | | |
| Ça | 1 | 2 | 8 | 9 | 15 | 16 | 22 | 23 | 29 | 30 | | |
| Pe | 2 | 3 | 9 | 10 | 16 | 17 | 23 | 24 | 30 | 1 | | |
| An | 3 | 4 | 10 | 11 | 17 | 18 | 24 | 25 | | | | |
| Şe | 4 | 5 | 11 | 12 | 18 | 19 | 25 | 26 | | | | |
| Ýe | 5 | 6 | 12 | 13 | 19 | 20 | 26 | 27 | | | | |

| IÝUL | | | | | GURBAN – AŞYR | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 4 | 5 | 11 | 12 | 18 | 19 | 25 | 26 | | |
| Si | | | 5 | 6 | 12 | 13 | 19 | 20 | 26 | 27 | | |
| Ça | | | 6 | 7 | 13 | 14 | 20 | 21 | 27 | 28 | | |
| Pe | | | 7 | 8 | 14 | 15 | 21 | 22 | 28 | 29 | | |
| An | 1 | 2 | 8 | 9 | 15 | 16 | 22 | 23 | 29 | 30 | | |
| Şe | 2 | 3 | 9 | 10 | 16 | 17 | 23 | 24 | 30 | 1 | | |
| Ýe | 3 | 4 | 10 | 11 | 17 | 18 | 24 | 25 | 31 | 2 | | |

| AWGUST | | | | | AŞYR – SAPAR | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | 1 | 3 | 8 | 10 | 15 | 17 | 22 | 24 | 29 | 2 | | |
| Si | 2 | 4 | 9 | 11 | 16 | 18 | 23 | 25 | 30 | 3 | | |
| Ça | 3 | 5 | 10 | 12 | 17 | 19 | 24 | 26 | 31 | 4 | | |
| Pe | 4 | 6 | 11 | 13 | 18 | 20 | 25 | 27 | | | | |
| An | 5 | 7 | 12 | 14 | 19 | 21 | 26 | 28 | | | | |
| Şe | 6 | 8 | 13 | 15 | 20 | 22 | 27 | 29 | | | | |
| Ýe | 7 | 9 | 14 | 16 | 21 | 23 | 28 | 1 | | | | |

| SENTÝABR | | | | | SAPAR – 4 TIRK.1 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 5 | 9 | 12 | 16 | 19 | 23 | 26 | 30 |
| Si | | | 6 | 10 | 13 | 17 | 20 | 24 | 27 | 1 |
| Ça | | | 7 | 11 | 14 | 18 | 21 | 25 | 28 | 2 |
| Pe | 1 | 5 | 8 | 12 | 15 | 19 | 22 | 26 | 29 | 3 |
| An | 2 | 6 | 9 | 13 | 16 | 20 | 23 | 27 | 30 | 4 |
| Şe | 3 | 7 | 10 | 14 | 17 | 21 | 24 | 28 | | |
| Ýe | 4 | 8 | 11 | 15 | 18 | 22 | 25 | 29 | | |

| OKTÝABR | | | | | 4 TIRK.1 – 4 TIRK.2 | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 3 | 7 | 10 | 14 | 17 | 21 | 24 | 28 | 31 | 6 |
| Si | | | 4 | 8 | 11 | 15 | 18 | 22 | 25 | 29 | | |
| Ça | | | 5 | 9 | 12 | 16 | 19 | 23 | 26 | 1 | | |
| Pe | | | 6 | 10 | 13 | 17 | 20 | 24 | 27 | 2 | | |
| An | | | 7 | 11 | 14 | 18 | 21 | 25 | 28 | 3 | | |
| Şe | 1 | 5 | 8 | 12 | 15 | 19 | 22 | 26 | 29 | 4 | | |
| Ýe | 2 | 6 | 9 | 13 | 16 | 20 | 23 | 27 | 30 | 5 | | |

| NOÝABR | | | | | 4 TIRK.2 – 4 TIRK.3 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 7 | 13 | 14 | 20 | 21 | 27 | 28 | 4 |
| Si | 1 | 7 | 8 | 14 | 15 | 21 | 22 | 28 | 29 | 5 |
| Ça | 2 | 8 | 9 | 15 | 16 | 22 | 23 | 29 | 30 | 6 |
| Pe | 3 | 9 | 10 | 16 | 17 | 23 | 24 | 30 | | |
| An | 4 | 10 | 11 | 17 | 18 | 24 | 25 | 1 | | |
| Şe | 5 | 11 | 12 | 18 | 19 | 25 | 26 | 2 | | |
| Ýe | 6 | 12 | 13 | 19 | 20 | 26 | 27 | 3 | | |

| DEKABR | | | | | 4 TIRK.3 – 4 TIRK.4 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 5 | 11 | 12 | 18 | 19 | 25 | 26 | 2 |
| Si | | | 6 | 12 | 13 | 19 | 20 | 26 | 27 | 3 |
| Ça | | | 7 | 13 | 14 | 20 | 21 | 27 | 28 | 4 |
| Pe | 1 | 7 | 8 | 14 | 15 | 21 | 22 | 28 | 29 | 5 |
| An | 2 | 8 | 9 | 15 | 16 | 22 | 23 | 29 | 30 | 6 |
| Şe | 3 | 9 | 10 | 16 | 17 | 23 | 24 | 30 | 31 | 7 |
| Ýe | 4 | 10 | 11 | 17 | 18 | 24 | 25 | 1 | | |